LOÝIҲA

O‘ZBEKISTON RESPUBLIKASI XALQ TA’LIMI VAZIRLIGI

# UMUMIY O‘RTA TA’LIM MUASSASALARI UCHUN O‘QUV DASTURI

# ADABIYOT (TURKMAN)

## V-XI SINFLAR

O‘ZBEKISTON RESPUBLIKASI XALQ TA’LIMI VAZIRLIGI
TASDIQLAGAN

Toshkent-2018

# DÜŞÜNDIRIŞ HATY

Edebiýat täliminiň esasy maksat we wezipeleri okuwçylaryň dünýägaraýşyny giňeltmek we pikirlenmegini ösdürmek, söz sungatyna Watana, milli däplere we ruhy baýlyklarymyza söýgi we mähir ruhunda terbiýelemekdir. Umumy orta tälimiň okuw planyndaky edebiýat predmeti okuwçylarda kitap söýüjilik we diskussiýa etmek medeniýetini, döredijilikli we tankydy pikirlenmek başarnyklary şekillendirmäge hyzmat edýär. Şeýle-de, başlangyç synplardan başlap okuwçylary ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň (iňlisçe –Organisation for Economic Cooperation and Development (OECD)) Okuwçylary bahalamak boýunça halkara programma (iňlisçe –Programme for International Student Assessment, PISA) hem-de tälimdäki üstünlikleri bahalamak boýunça halkara birleşme tarapyndan gurnalan (IEA) mekdepde matematika we tebigy predmetler boýunça tälimiň hiliniň halkara monitoringi (inlisçe – Trends in Mathematics and Science Study, TIMSS) çäginde okuw sowatlylygyny ösdürmekde bü predmet möhüm ähmiýete eýe.

Edebiýat predmetini okatmagyň maksady: milli we dünýä edebiýatynyň gymmatly nusgalaryny okatmak arkaly okuwçylaryň ruhy-ahlak dünýäsini , edebi-estetiki duýgularyny şekillendirmek hem-de olarda özbaşdak pikirlenmek, obrazly pikirlenmegine degişli bilim, başarnyk we endikleri emele getirmek we ösdürmek.

Edebiýat predmetini okatmagyň esasy wezipeleri **:**

Okuwçylaryň agzeki nutkuny edebi diliň normalary esasynda şekillenmegini we ösmegini üpjin etmek, nutk kompetensiýany emele getirmek ;

Ýazmaça nutkda ýokary derejede sowatlylyk, edebi diliň normalaryny berjaý etmek, dürli usullardan peýdalanyp bilmek başarnyklary we endikleri ösdürmek we edebiýat predmetiniň mazmunyndan gelip çykan ýagdaýda okuwçylarda daýanç kompetensiýalary şekillendirmekden ybarat.

Umumy orta tälim mekdeplerinde edebi tälimiň sap ylmy maksadlaryny däl, belki ruhy-ahlak ýönelişleriň üstünligi gözde tutulýar. Okuwçylar milli edebiýatyň , şeýle-de dünýä edebiýatynyň iň ajaýyp nusgalaryny okamak we analiz etmek esasynda adamçylyk we ýowuzlyk, ýagşylyk we ýamanlyk hakyndaky dürli dürli düşündirişlere düş gelýär, olara aňly görnüşde öz gatnaşygyny bildirýär, şolaryň esasynda özlerindäki ahlak-ruhy häsiýetleri şekillendirmeklige we ösdürmäge mümkinçilik döreýär. Gündelik dürmyş gatnaşyklaryň we özara düşünişmek zerürlygy, okuwçylaryň agzeki hem-de ýazmaça nutklarynyň ösmeginde esasy faktor hasaplanýar.

Umumy orta tälim sistemasynda okuwçylaryň ýaş we ruhy aýratynlyklaryndan gelip çykan ýagdaýda edebi eseri synpda okamak, öwrenmek bilen birlikde, eserleri özbaşdak öwrenmek we synpdan daşary okuwa hem aýratyn üns berilýär. Okuwçylarda edebi eseri analiz etmek, edebi-nazary düşünjeleri öwrenmek endikleri şekillendirilýär. Çeper eserleriň her birini öwrenende taryhy-estetik prinsiplere üns

berilse-de olary yzygider hronologik tertipde däl belki belli bir temalaryň çäginde öwrenilýär.

Yzygiderlik we üznüksizlik maksatnamada käbir söz ussatlarynyň atlarynyň gaýtalanmagy, olaryň giň mazmunly garaýyşlary, eserlerinde ýokary çeper-estetiki ideýalaryň çeperçilik bilen beýan edilendigini belläp geçmek gerek.

Elbetde, beýle üzak döwürli edebiýat pudagynyň ähli temalaryny öwrenmeklige mümkinçilik ýok. Öl degişli pedagogiki-didaktiki talaplar esasynda saýlanyp öwrenilýär. Bu ýerde esasy ideýalar aşakdakylar bolup hyzmat eýär:

- Esasy üns ýokary derejeli çeperçilik talaplara jogap berýär eserler girizilýär;
- Bü basgançakda mümkin boldugynça edebi-estetiki aýratynlyklaryna görä öňki basgançakda gaýtalanmaýan döredijilikli we çeper esmerler alynýar;
- Olary öwrenmekde ekstensiw däl, belki intensiw usula üns berilýär.

Bü erde eserleriň mukdaryny kemräk edip, her bir eseri öwrenmäge berlen wagtyň mümkinçiligini köpeltmeklige üns berlen.

Bü her bir eseriň özara dogry gelýän çeperçilik älemi bilen giňräk we çuňrak tanyşmak mümkinçiligini dogdürýar, ondaky şekilleriň mazmun taýdan (ses we sözlerden peýdalanyşy, çeper eseriň gurluşy, ýazyjynyň we eseriň usuly, çeper söz poetikasy we ş.m.)i çuň düşünmek üçin mümkinçilik döredýär, eserde beýan edilen döredijiniň dünýägaraýyşynyň, pikriniň özboluşlylygy bilen ýakyndan tanyşmaklyga mümkinçilik bolýar.

Maksatnamada aýratyn alnan “kynrak” eserleriň taryhy-edebi, taryhy-medeni, sosial-taryhy hadysalar bilen baglylygyny analiz etmek göz öňünde tutulandygy okuwçylaryň umumy edebi prosess hakyndaky bitewi we sistemaly pikirleriniň şekillenmegine mümkinçilik berýär.

Tälimiň dürli basgançaklarynda öwrenmek üçin saýlanyp alnan eserlere goýulan esasy kriteriýalar bolup olaryň ýokary derejede çeperçiligi, ynsanperwerlige gönükdirilendigi, okuwçy şahsynyň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutan ýagdaýda onüň kämilligi üçin görkezip bilýän položitel täsiri, milli we ynsanperwerlik ideýalara dogry gelmegi, milli we dünýä edebiýatynyň taryhynda tutan orny ýalylar esas bolýar.

Okuw maksatnamany işläp çykmakda zerur bolan başlangyç çeşmeler we edebiýatlar. Ol çeper edebiýatlar okuwçylara synpdan daşary we özbaşdak okamagy üçin hödürlenýär.

Okuw maksatnamasy ilki bilen tälim edarasynyň metodiki birleşmesinde öwrenilip çykylýar, okuwçylaryň özleşdirmek aýratynlyklaryny göz öňünde tutan ýagdaýda (bellenen temadan daşa çykmadyk ýagdaýda 15 % özgertme girizmegi mümkin) tematik meýilnama düzüler we pedagogik geňeşde tassyklanýar.

Käbir predmetler çuňlaşdyryp öwrenilýän Döwlet ýöriteleşdirilen umumy tälim edaralary hem-de umumy orta tälim mekdepleriniň edebiýat predmetini çuňlaşdyryp öwrenilýän 5-11-nji synplarda okuw ýylyň dowamynda şu programmadaky temalar boýunça hepdesine goşmaça 34 sagat geçilýär.

Okuw maksatnamasy boýunça mugallymlar tematik meýilnama işläp çykanda 1 barlag işi sagady üçin 2 sagat berilmegi okuwçylaryň goýberen ýalňyşlaryny, kyýynçylyk çekýän temalaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin gerek bolýar.

Bü okuw maksatnama 2018 – 2019-njy okuw ýylynda 11-nji synp, 2019-2020-njy okuw ýylynda 8- 9-njy synplar, 2020-2021-nji okuw ýylynda 5-nji synp, 2022-2023-nji okuw ýylynda 6,7,10-njy synplar üçin basgançakly ýagdaýda durmuşa geçirilýär.

## 5-nji synp.

## Jemi 102 sagat

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Çeper edebiýatyň görnüşlerini we olaryň aýratynlyklaryny tapawutlandyrýar;
Halk döredijiligine düşünýär;
Eseriň böleklerini labyzly okaýar;
Goşgyny (kiçi göwrümli) ýatdan aýdýar;
Eseriň gahrymanlaryna öz gatnaşygyny bildirýär;
Surat esasynda teswirleýän tekst döredýär;
Eserler we erkin tema boýunça ýazmaça iş (tekst, beýannama) ýazýar.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**
**(çukurlaşdyrylan synplar üçin)**

Özbaşdak pikirleri agzeki we ýazmaça görnüşinde beýan edýär;
Edebi gahrymanyň tebigatyna dogry gelýän aýratynlyklary aýratyn belleýär;
Kitaphanadan gerekli kitaplary saýlap bilýär.

### Kitap bilimiň çeşmesidir - 1 sagat.

Edebiýat söz sungatydyr. Kitap bilimiň çeşmesidir. Edebiýat durmuşy öwredýär. Onuň estetik terbiýesi. Ylmy ähmiýeti. Çagalaryň kalbynda tebigatyň şöhlelenişi. Edebi eserleriň görnüşleri. Edebiýata A. Nowaýynyň, Jamynyň, B. Kerbabaýewiň, Aýbegiň beren bahalary barada düşünje. Edebiýat adam aňy we ruhyýeti üçin hyzmat edýär.

### Halk döredijiligi – 16 sagat.

Halk döredijiligi barada düşünje. Halk döredijiliginiň mazmuny we şekil taýdan dürlüligi. Halk döredijiliginiň döwre laýyk özgerip durmagy. Halk döredijiliginiň görnüşleri. Epos, dessan, erteki, läle, hüwdi, monjukatdy, aýdym, şorta söz, rowaýat,

nakyl, matal, sanawaç, ýaremezan, toý aýdymlary, agylyr, alkyş we dilegler barada umumy düşünje bermek. Halk döredijiliginiň üsti bilen Watansöýüjilik, dostluk, zähmetsöýerlik, ylym we kesp-hünäre degişli edep, terbiýe bermek.

Aýdymlar. Aýdymlar barada düşünje bermek. Sazly we sazsyz aýdymlar. Aýdymlaryň dürli temalarda bolşy. Durmuş, ýaşaýyş, töweregimizi gurşap alýan wakalar bilen baglanyşygy. Aýdymlaryň sadalygy, çeper düzülişi. “Bolma” aýdymy onuň (Görogly eposyndan) mazmuny. Aýdymlar aýdyja-da, diňleýjä-de birmeňzeş täsir edip, olarda ruhy kuwwat, gaýduwsyz hyjuw döredýär.

Nakyllar. Nakyllar barada düşünje bermek. Asyl göçme manyda bolup gelişleri. Nakyllarda sözler jaýdar anyk ulanylyp, artykmaç ýa-da kem zat bolmaýar, pikir gysga, anyk hem täsirli bolýar. Nakyllaryň köp zatlar barada döreýşi. Nakyllaryň üsti bilen zähmeti, ylmy-bilime, okuwa, baýlyk-garyplyga, adamkärçilige, halky söýmeklige, ata-enä, myhmanparazlyk, hünär, kesp-käre bolan höwesi döretmek.

Göroglynyň döreýşi. Göroglynyň döreýşi barada düşünje. Ilatyň Jygalybegi saýlamagy. Adybegiň halka eden hyzmaty. Jygalybegiň düýş görşi. Görden çykan Görogly barada. Röwşen kim? Hüňkär kim? Jygalybegiň esir düşmegi. Hüňkäriň Jygalybege beren jezasy. Görogly we kyrk galandar. Reýhanarabyň Gülendamy alyp gidişi. Göroglynyň Yspyhana gidişi. Abdylla galandaryň kömegi. Jygalybegiň Görogla beren terbiýesi. Göroglynyň durmuşdan öwrenenleri. Sözlükler bilen işleşmek. Epos barada düşünje. Gahrymançylyk, Watanperwerlik, edep-ahlak, ynsanylyk, myhmansöerlik terbiýesi berilýär.

Lukman Hekim. Onuň öz ogluna beren maslahatlary barada düşünje bermek. Nesihatlaryndan öwrenmek. Nesihatlaryň üsti bilen halkyňa hyýanaty, gybatkeşligi, haram işleri, ogurlygy näletlemeklik ýaly işleri öňe sürýär. Akylly, edepli, syr saklamagy, dostlugy, haýyrly işe baş goşmagy adamlaryň haklaryny doly we dogry bolmaklyk ýaly terbiýäni berýär.

Ymam Al-Buhary. Ymam Al-Buhary barada düşünje bermek. Hadyslary öwrenişi we toplaýşy barada düşünje.

Hadyslar. Hadys barada düşünje. Salam bermek yslamyň buýrugydyr; ikiýüzlüligiň alamatlary. Ylym öwrenmek barada. Özara ynsany gatnaşyklar, dostluk, agzybirlik, ata-enelere, dogan-garyndaшlara bolan gatnaşyklar, halallyk, päklik, adalat, ynsap, hyýanat, dogruçyllyk, ýalançylyk, pyssy-pyjurlyk ýaly ynsany häsiýetlerden we kemçiliklerden sapak almagy nygtaýar.

## Nusgawy edebiýat 21 sagat

Magtymguly. Magtymgulynyň ömri-döredijiligi, “Baş üstüne”, “Görüm görülmegen ýerde”, “Delalat ýagşy” goşgularynyň manysy. Sözlükler. Magtymguly barada Mäti Kösäýewiň maglumatlary. Şahyryň öwüt-nesihat, mähir, mürüwwetlik, päk ýüreklilik, rehimlilik duýgularynyň goşgularynda berşini düşündirmek.

Abdyrahym Zynhary. Zynhary barada düşünje bermek. “Buhardadyr” goşgusynyň mazmunyny özleşdirmek. Sözlükler bilen işleşmek. Ylma, bilime bolan höwesi çagalaryň aňynda ösdürmek.

Gurbandurdy Zelili. Zeliliniň ömri we döredijiligi “Ýagşydyr”, “Diýmek biläni” goşgudary. Onuň mazmuny. Goşgularynyň üsti bilen halka öwüt-nesihat berýär.

Seýitnazar Seýdiniň ömri we döredijiligi. Şahyryň “Dönmenem begler”, “Sen çölüň” goşgularynyň manysy. Goşguda şahyryň çöle bolan guwanjy, buýsanjy, ýürek joşgunynyň berlişini öwrenmek. “Dönmenem begler” goşgusynyň üsti bilen watançylyk, gahrymançylyk terbiýesiniň berlişini okuwçylara düşündirmek.

Mollanepesiň ömri we döredijiligi. Şahyryň döredijiliginde watançylyk, gahrymançylyk, öwüt-nesihat häsiýetli goşgularynyň häzirki döwürde roly barada düşünje bermek. “Ner gezgin” goşguda adamlary mertlige, arly-namysly, agzybir ylylaşykly bolmaklyga çagyryşy. “Aňsa” goşgusy. Onuň mazmuny. Terbiýeçilik ähmiýeti. Adam obrazyny, haýwan obrazyny açyp berşi.

## XX asyr edebiýaty 35 sagat

N. Saryhanow. Nurmyrat Saryhanowyň ömri döredijiligi barada maglumat bermek. “Şirin”, “Kitap”, “Arzuw”, “Soňky öý”, “Ak tam”, “Giýow” ýaly hekaýalary barada düşünje bermek. “Şükür bagşy”, “Ýagtylyga çykanlar”, “Gyzgyn günler” ýaly powestleri barada aýtmak. “Kitap” hekaýasy Welmyrat aganyň Magtymgulynyň kitabyny ele salşy. Akyldar şahyr Magtymgula halkyň hyzmaty. Guba düýä Magtymgulynyň kitabyny çalşyşy. “Kitap” hekaýasy barada. Edebiýat ylmy. Hekaýa etme we teswirleme hakynda maglumat bermek.

Berdi Kerbabaýewiň ömri döredijiligi. Ýazyjynyň ömri döredijiligi barada düşünje bermek. “Myraly” powesti, “Myraly bilen söwdagär”, “Kim öň gördi”. Il halkyň döwlet bähbidinden ileri goýmazlygy, açgözlük etmezlik, ýurt bähbidini

oýlamak terbiýesini berýär. Hekaýa etme we teswirleme edebiýat ylmy hakynda düşünje bermek.

Ata Gowşudow. A. Gowşudow barada düşünje. “Dordepel” powesti.

Nurberdi Pomma. N. Pommanyň ömri we döredijiligi. “Watanym”, “Öýümiziň bilbili” goşgularynyň ähmiýeti. Goşgularynda watana guwanjy, buýsanjy, halkyň agzybirligi, ylymda tehnikada gazanan üstünliklerini taryplamaklyga synanyşýar.

A. Kekilowyň ömri we döredijiligi. Aman Kekilowyň ömri we döredijiligi barada düşünje bermek. “Çopan we patyşa” ertekisi. Garyp çopan, Kör garganyň çopana beren kömegi. Patyşanyň açgözlüligi, Täsin tokmak we zulum ojagynyň düzlenmegi. Adalatlylyk, gowy gylyk-häsiýetli bolmaklygy özünde jemleýär.

Ata Köpekmergen. A. Köpekmergeniň durmuşy barada düşünje. “Ilden öwrendim” goşgusy. “Meniň öýümi soradyň”, “Suw görkez”, “At dakyp bilmeris”, “Aýlanyp ýöreýär”.

Baýram şahyr.  Baýram şahyryň döredijiligi “Şaglap iner bürgütleri” goşgusy.

Durdy Gylyç. Durdy – Gylyjyň ömri döredijiligi barada düşünje bermek. “Jykyryň” goşgusynyň mazmunyny özleşdirmek. Bu goşgynyň üsti bilen zähmet guraly arkaly halkyň, döwrüň agyr durmuşy görkezilýär.

Ata Salyh. A. Salyhyň ömri we döredijiligi barada düşünje. Ýolbars we Tilki basnýasy barada düşünje bermek. Sözlükler bilen işleşmek. Mesnewi barada düşünje.

Molladurdy. Molladurdynyň ömri we döredijiligi barada düşünje bermek. “Hojaguly” goşgusy. Onuň terbiýeçilik häsiýetleri. Ýalan sözlemezlik, ýalan sözüň ahyrynda çekilýän jepalar. Dogry sözlemek. Hiç wagt ýalan sözlemezlige çagyrýar.

A. Atabaew. Atamyrat Atabaew barada maglumat. “Türkmen dili” goşgusy. Bu goşgy setirleri ene dilimize bolan söýginiň beýan edilişi.

**Doganlyk halklaryň edebiýaty 18 sagat**

Alyşir Nowaýynyň ömri we döredijiligi. A. Nowaýy gündogar edebiýatynyň beýik klassyky şahyry. Gurban Meredow “Nowaýy” goşgusy. Ownuk şygyrlar. Sözlükler.

Gafur Gulam. G. Gulamyň ömri we döredijiligi barada düşünje bermek. “Meniň ogruja oglum” hekaýasy barada düşünje bermek. Hekaýanyň üsti bilen dogrysözlük, edep-ahlak terbiýesini bermek.

Berdimyrat Berdak. B. Berdagyň ömri we döredijiligi. “Balam”, “Ýagşyrak” goşgulary barada düşünje bermek. Goşgularda özüňi alyp barmaklyk häsiýetleri boýunça birnäçe öwüt-nesihatlar berilýär.

Günhoja. Günhoja barada düşünje bermek. “Erlerim”, “Orakçylar” goşgularynyň ähmiýeti. Goşgularynyň deňsizlik temada berlişi. Maşgala bakmak aladasy, mätäçlik azabyny çekýän orakçylaryň keşbiniň suratlandyrylyşy.

T. Kaýypbergenow. “Sag bol, mugallym” powesti. Powestiň üsti bilen ýazyjy özgylyk häsiýeti, akyl-paýhasy, medenieti, adalatlylygy, adamkärçiligi bilen ile görelde terbiýesi öňe sürülýär.

A. Şamyradow. “Howandarlyk” hekaýasy. Bu hekaýanyň üsti bilen ejize, garyba, kömege mätäçlere rehim etmegi, dertliniň derdine duýgudaş bolmagy öwredýär.

Y. Ýusupow. “Doganlyk” goşgusy. Bu goşgy dostluk-doganlygy ene-de berkitmäge çagyrýar.

Labyzly okuw sapagy. Halk döredijiligi. Läleler, hüwdüler. K. Taňrygulyew “Hut şahyryň özi”. R. Seýidow “Dutarym”.

## Dünýä edebiýaty 12 sagat

A. S. Puşkin. Puşkiniň ömri döredijiligi. Balykçy we balyjak hakynda erteki. Gara nebisli bolmazlygy öwredýär.

I. A. Krylow. Ömri döredijiligi. “Garga bilen tilki” basnýasy. “Möjek bilen guzy” basnýasy. Basnýa barada düşünje. Basnýada adam häsiýetleri açylyp görkezilýär.

Antuan De Sent Ekzýuperi. Ömri döredijiligi. “Kiçijik şazada” eseri barada düşünje.

Nodar Dumbadze. Ömri döredijiligi. “Helledos” eseri. Eseriň gahrymanlary barada düşünje bermek. Gruzin we özbek, türkmen halklarynyň bir – birine meňzeşligi barada aýtmak. Doganlyk, dostluk terbiýesini öňe sürýär.

A. Arypow. Ömri döredijiligi barada maglumat. “ÝAzgyn diýdiler” goşgusy. Bu goşgusynda ene temasynyň mukaddesligini, ebediligini beýan edýär. Enä bolan çäksizsöýgi, ýyly mähir uly rol oýnaýar.

## 6-njy synp.
## Jemi 68 sagat

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Çeper eseriň sýužetini gaýta hekaýa edip berýär;
Dürli žanrdaky goşguly teksti ýatdan labyzly aýdýar;
Proza eserlerini döwür bilen baglap bilýär;
Synpdan daşary gyzykly eseri özbaşdak okaýar, mazmunyna düşünýär;
Eser gahrymanlaryny taryplap bilýär, düzme ýazýar.
**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**
**(çukurlaşdyrylan synplar üçin)**
Çeper eserlerdäki waka-hadysalara, obrazlar sistemasyna öz gatnaşygyny bildirýär;
Türkmen halkyna mahsüs bolan däp-dessurlary we medeni gymmatlyklary tapawutlandyrýar;
Logiki testleriň çözülişini tapýar.

## Giriş – 1 sagat.

Çeper edebiýatyň özboluşly aýratynlygy. Edebi eserleriň ynsanyň ruhy dünýäsini şekillendirmekdäki orny. Kämil ynsan terbiýesinde kitabyň ähmiýeti. Edebiýat sözüniň edep sözünden alnanlygy. Halkyň we döwletiň ruhy, medeni ösüşini açyp görkezmekde edebiýatyň roly.

## Altyn miras 13 sagat

Pähimler. Süleýmanyň pähimleri. Akyl-paýhasa ýugrulan parasatly sözler. Olaryň durmuşda, ynsany terbiýelemekdäki ähmiýeti. Pähimlerde öwüt-nesihatlaryň ynsan durmuşyndaky roly we ähmiýeti.

«Gorkut ata» . Türkmen halk döredijiliginiň taryhynda «Gorkut ata» kitabynyň tutýan orny. Kämil ynsany terbiýelemekde Gorkut atanyň öwüt – nesihatlarynyň ähmiýeti. Türkmen halkynyň gadymy taryhyny, jemgyetçilik gurluşyny, adam, ykdysady, ahlaky durmuşlaryny öwrenmekde eseriň tutýan orny.

«Görogly» eposy «Ar alyş». Türkmen halkynyň milli guwanjy, genji-hazynasy bolan «Görogly» eposynyň edebiýat meýdanynda tutýan orny. Ynsany belent ahlakçylyk, harby-gahrymançylyk ruhunda terbiýelemekde, olara estetiki lezzet bermekde eseriň ähmiýeti. Halkyň geçmişini, milli däp-dessurlaryny öwrenmekde, olara aňly – düşünjeli gözetirmekde, halky watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde «Görogly»nyň roly.

Okuwçylaryň synpda we özbaşdak okamaklary üçin gerek bolan eserler:

Süleýmanyň pähimleri.
«Gorkut ata» eposy.
«Görogly» eposy.

**Klassyky edebiýat 8 sagat**

Magtymguly. Magtymgulynyň durmuş hem döredijilik ýoly. Şahyryň alan terbiýesi, ylmy. Magtymgulynyň döredijilik tematikasynyň köptaraplylygy. Türkmen we türki halklaryň arasynda Magtymgulynyň sarpasy. Şahyryň poeziýasynyň halkylygy, milliligi.

Magtymgulynyň eserleriniň ynsany, watansöýüjilik, ahlak, estetik, ruhda terbiýelemekdäki ähmiýeti. Şahyryň goşgularynda adamkärçilige derwaýys gowy gylyk-häsiýetleriň taryplanyp, ýaramaz gylyk-häsiýetleriň ýazgarmagy. Olarda ynsanperwerlik, adamkärçilik, pähim-paýhas, edep-terbiýe, ýagşylyk-ýamanlyk, mertlik-namartlyk, sahylyk-husytlyk, halallyk-haramlyk, nebis, ynsap, sypaýylyk, hoşamaýlyk, myhmansöerlik baradaky ýöredilen asylly pikirler.

Magtymgulynyň filosofik garaýyşlary.
Synpda we synpdan daşary okamaly eser. Magtymguly, goşgular.

**XX asyr edebiýaty 20 sagat**

Berdi Kerbabaýewiň «Japbaklar» powesti. Şahyryň ömri we döredijiligi barada maglumat «Japbaklar» powestinde akylly, ugurtapyjy etginjek obrazynyň ýumoristik häsiýetde beýan edilişi. Durmuşy hadysalara ýumoristik garaýyş. Eseriň dili we çeperçiligi, jemgyetiň dürli gatlak wekillerine mahsus bolan ugurlaryň ussatlyk bilen beýan edilişi.

G. Seýitliýew. «Adam we toprak», «Ene ýüregi», «Adam we bir döwüm nan» goşgulary. Şahyryň ömri we döredijiligi barada maglumat. Goşguda watançylyk joşgunynyň beýan edilişi. Watana bolan söýginiň Ene söýgüsi bilen utgaşdyrylyp beýan edilişi. Goşguda ene ýüreginiň näzik hem päkdiginiň wasp edilişi.

Şygyrda çöregi aýawly saklamak, ony hiç wagt horlamazlyk baradaky ideýanyň öňe sürlüşi.

B. Hudaýnazarow. «Halyçy», «Ene süýdi» goşgulary. B. Hudaýnazarowyň durmuş ýoly we döredijiligi barada maglumat. Goşguda türkmen aýal-gyzlarynyň edep-ekramlary bilen bir hatarda çeper elleriň hünärleri hem olaryň adamkärçilik sypatlarynyň beýan edilişi. Goşguda halynyň «Türkmenleriň şahyrana ýüregi» bilen deňeşdirilmegi. «Ene süýdi» goşgusynda enä hem-de Watana bolan çäksizsöýginiň şöhlelendirilişi. ÖzWatanyny söýýän ynsan obrazynyň goşguda çeperçilik bilen açylyp görkezilişi.

K. Gurbannepesow. «Atamyň köp gaýtalan sözlerinden» goşgusy. Şahyryň ömri we döredijilik ýoly. K. Gurbannepesowyň şahyrana döredijiliginiň çeper edebiýatda tutýan orny. Goşguda şahyryň parasatly gojalaryň özperzentlerine pähim-paýhasa ýugrulan öwüt-ündöwlerini özüniň şahyrana sözleri bilen beýan edilişi. Şygyr setirleriniň akgynlylygy, beýan edilişiniň sadadan manylylygy, çeper atlatmalara, ýagny meňzetmelere, deňeşdirmeleri, nakyllara… baýlygy, az sözde köp many aňladyp bilýänligi hem-de mylaýym, mähirli ýumora baýlygy, ony erlikli ulanyp bilmek.

Halyl Kulyýew. «Sähralar», «Ene hüwdüsi», «Seýran etdim Watany», «Bahar buşlukçysy» goşgulary. Şahyryň ömri we döredijiligi barada maglumat. H. Kulyýewiň dil ussatlygy. Goşguda Watançylyk duýgusynyň berlişi. Watançylyk duýgusynyň ene hüwdüsi bilen utgaşdyrylyşy. Şygyrda dogduk Watanyňa bolan söýgi, dost-doganlyk ideýasynyň beýan edilişi. Şahyryň tebigatyň ajaýyp pasly – bahary şahyrana sözbilen çeper suratlandyrylyşy.

Gunbannazar Ezizow. «Topragym», «Akdyr ýollaryň watan», «Säher turup, syl ýüzüňe çagaňy» goşgulary. Şahyryň ömri we döredijiligi hakynda maglumat. Şahyryň edebiýat meýdanyndaky tutýan orny. Goşguda göbek ganyň daman Watanyňa bolan söýginiň ussatlyk bilen şöhlelendirilişi. Şahyryň goşgularynyň çeperçiligi, olarda beýan edilýän pikirleriň çuň mana eýeligi.

Rejepmyrat Durdyýew. «Oragatdy» powesti. Şahyryň ömri we döredijiligi hakynda maglumat. Powestde Annakdyr, Meleje ýaly çaga, Dürje ejedir Töremyrat mugallym ýaly uly adamlaryň täsin obrazlary ýiti ýumoryň üsti bilen çeper açyp görkezilişi. Powestiň dili we çeperçiligi. Şahyryň çagalar edebiýatyny ösdürmekdäki bitiren hyzmaty.

Atamyrat Atabaýew. «Oguzhan hakynda rowaýat» poemasy. Şahyryň ömri we döredijiligi barada maglumat. Şahyryň edebiýat meýdanyndaky orny. Poemada Oguzhanyň mertliginiň, ugurtapyjylygynyň, parasatlylygynyň rowaýat äheňinde beýan edilişi.

Poemada ýaşaýan topragyňa – Watanyňa bolan çäksizsöýginiň nygtalyşy, okyjynyň kalbynda watansöýüjilik duýgusyny ösdürmekdäki ähmiýeti.

**Garaşsyzlyk döwrüniň edebiýaty 4 sagat**

Giçgeldi Mämetgylyjow. «Özbegistanym meniň», «Dil tapar», «Nowaýy» goşgulary, Gurbanberdi Welbegowiň «Mekan eýledim», «Razy men senden», «Eziz watanym meniň», «Bahar dilegleri» goşgulary, Saparmyryt Nuryýew. «Halkym», «Ene jan», «Bagşydyň» goşgulary. Bekmyrat Paşyýew. «Arzuw», «Derekler», «Ak säherler öreniňde» goşgulary. Goşgularda dogduk watanyň – Özbegistanyň wasp edilişi, onuň azatlygynyň, erkinliginiň şahyrana sözleriň üsti bilen çeper beýan edilişi. Şygyrda dostluk-doganlygyň, erkinligiň Watançylyk duýgusy bilen utgaşdyrylyp berlişi. Mähriban enelerimiziň näzik hem päk ýürekleriniň şahyrana sözde beýan edilişi.

**Doganlyk edebiýatyndan nusgalar 22 sagat**

Omar Haýýam. Rubagylar. Şahyryň ömri we döredijiligi barada gasgaça syn. Rubagylarda durmuş hakykatynyň dogruçyl beýan edilişi. Şahyryň rubagylarynda ynsana belent söýgüniň, adam mertebesiniň, dünъewi ýaşaýşyň, saz-söhbetiň şahyrana sözleriň üsti bilen şöhlelendirilişi. Omar Haýýam ökde rubagyçy hökmünde edebiýat älemindäki tutýan orny.

Jelaletdin Rumy. «Itiň ýatak salnyşy hakynda hekaýat», «Hor düşen eşek hakynda hekaýat», «Bakylyk daragtyny gözlän adam hakynda hekaýat», «Ogurlanan goýun hakynda hekaýat» eseri. Şahyryň durmuş ýoli hem-de döredijiligi barada syn. Rumynyň dünýä edebiýatynda tutýan orny, onuň baý edebi mirasy. Şahyryň poemalarynda adam obrazynyň haýwan obrazlarynyň üsti bilen allegorik ýagdaýda ussat beýan edilişi. Poemada şahyryň filosofik garaýşynyň, köptaraply döredijiliginiň ökdelik bilen berlişi. Şahyryň poemalarynyň ynsan terbiýesindäki tutýan orny.

Alyşir Nowaýy. «Aýdanymy ulus-ile magrub et», Kytgalar. Şahyryň ömri we döredijiligi barada maglumat. Nowaýynyň dünýä edebiýatynda tutýan orny. Şahyryň goşgularynda adam üçin zerur bolan duýgy-düşünjeleriniň şahyrana sözarkaly çeper

beýan edilişi. Nowaýynyň hikmetli sözleriniň nakyllara ýakynlygy we olardan tapawudy.

B. Kerbabaýew. «Myraly» powesti, «Asmanyň ak towugy», «Patyşa ölerine», «Gysga ýorgan», «Näme üçin ýylgyrýar?», «Bizadam dälmi?». Myraly we Soltansöýün baradaky rowaýatlaryň halkylygy. Ony toplamakda B. Kerbabaewiň bitiren hyzmaty. Hekaýalarda Myraly bilen Soltansöýüniň çeper obrazlarynyň üsti bilen adamkärçilik, sypaýylyk, ugurtapyjylyk, ahlaklyk, akyllylyk, duýgurlyk ýaly gylyk-häsiýetleriň ussatlyk bilen beýan edilişi. Halkyň hemaýatçysy bolan Myralynyň obrazynyň hekaýada açylyp görkezilişi.

«Kyrk gyz» eposy. Garagalpak halkynyň gahrymançylykly «Kyrk gyz» eposynyň dünýä edebiýatyndaky orny. Eposyň öwrenilişi. Eposda batyr, gaýratly garagalpak gyzy Gülaýamyň ýurdy keseki basybalyjylardan goramak üçin alyp baran batyrgaý söweşleriniň aýdyň beýan edilişi. «Kyrk gyz»da garagalpak halkynyň watançylygy baradaky pikirleriniň özbeýanyny tapyşy.

Ybraýym Ýusupow. «Türkmeniň», «Döwrana meňzär», «Halkyma» goşgulary. Şahyryň ömri we döredijiligi barada maglumat. Şahyryň garagalpak edebiýatynyň dünýä tanatmakdaky bitiren işi. Onuň türkmen halkyna bolan doganlyk garaýşynyň goşguda açyk-aýdyň beýan edilişi. Şahyryň özmähriban halkyna, watanyna bolan çäksizsöýgüsiniň çeper sözarkaly beýan edilişi. Y. ÝUsupowyň garagalpak edebiýatyny ösdürmekdäki bitiren işi we tutýan orny.

## 7 – nji synp.

## Jemi 68 sagat.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Çeper edebiýaty ylmy edebiýatdan we sungatdan tapawutlandyrýar;
Rowaýat we şorta sözleri bir-birinden tapawutlandyrýar;
Eseriň ideýasyny analiz edýär, watanyň öňündäki borçlaryna aň ýetirýär;
Balladany edebi görnüşlerden tapawutlandyrýar;
Goşgynyň täsirliligini üpjin edýän çeper serişdeleri beýan edýär;
Eserlerde duş gelýän türkmen halkynyň öňki we häzirki durmuşyny deňeşdirýär;
Eser esasynda döredijilikli ýazma iş (tekst, beýannama) ýazýar;
Tema degişli testleri çözýär.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

**(çukurlaşdyrylan synplar üçin)**

Zyýanly ideýalaryň täsirinden özüni gorap bilýär;

Eserdäki ynsanyň başdan geçirilenleriniň, çeken kyýynçylyklarynyň täsiri esasynda ýazmaça we agzeki pikrini beýan edýär;

Klassyky, häzirki zaman we dünýä edebiýatyna degişli esere we onüň gahrymanlaryna ýazmaça we agzeki beýan berýär.

## Giriş 1 sagat.

Edebiýat nazaryeti. Obrazlylyk. Ylmy edebiýat, çeper edebiýat, çeper edebiýatyň uly jemgyetçilik ähmiýeti. Obrazlylyk. Ýazuw edebiýaty.

## Edebi janrlar 18 sagat

Türkmen halk döredijiligi hakynda maglumat. Halk döredijiliginiň ýüze çykyşy, onuň janrlary, mazmuny, formasy we gadymylygy.

Aýdymlar barada maglumat. Aýdymlaryň aýdylyşy, görnüşleri, toparlara bölünişi, aýdymlaryň terbiýeçilik ähmiýeti. Aýdymlaryň tematikasy.

Bagşylar barada düşünje bermek. Özbegistanly bagşylar. Türkmen halkynyň ussat bagşylary. Olaryň aýdýan aýdymlarynyň terbiýeleýjilik ähmiýeti. W. Muhadow, D. Öwezow ýaly professional talantly kompozitorlar barada düşünje bermek.

K. Ataniýazow barada söz. Özbegistan, Garagalpagystan, Türkmenistan halk artisti. Saz sungatynyň ajaýyp ussalary barada maglumat bermek. «Watan», «Demir ýol», «Rost», «Çargoh», «Balet», «Alkyş», «Mübärek bolsun» ýaly Horezm aýdymlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti. Watansöýüjilik, edermenlik, zähmetsöerlik terbiýelerini çagalaryň kalbyna siňdirmek meseleleriniň açylyp görkezilişi.

Toý aýdymlary barada düşünje bermek. Halk döredijiliginiň bir görnüşi. Toý aýdymlarynyň 6, 7, 8 – bogunly goşgy bentlerinden bolup gelşi. Meňzetme, deňeşdirme, ulaltma, kiçeltme ýaly çeperçilik serişdeleriň ulanylyşy. Degişme, ýaňsylama, tankyt äheňiniň roly barada düşünje bermek. Aýdymlaryň üsti bilen çagalarda Watana, geljege bolan söýgüsini ösdürmek, mertlik, batyrlyk terbiýesini bermek. Küşdepmeler barada düşünje bermek.

Hüwdüler barada düşünje bermek. Hüwdüler, hüwdi sanawaçlary. Hüwdiniň çaga terbiýesindäki roly. Çaga bolan çäksizsöýgüniň berlişi. Durmuşda daýhançylyk, maldarçylyk, çarwaçylyk bilen baglanyşyklylygy, çagalarda ýaşlykdan kespe hünäre bolan söýgini oýarmak ähmiýeti. Hüwdüleriň setirleriniň berlişi.

Läleler. Läleleriň ähmiýeti. Bokurdak, dodak, hymmyl, damak, lälesi. Bokurdak, dodak, hymmyl, damak, eňek lälelri barada maglumat bermek. Aýdylyş usullary barada durup geçmek. Garaşsyzlyk döwrüniň läleleri. Ata-enä, garyndaşa, dogana, aga, eňňä, ejä, boýdaş joralara we umumy häsiýetli läleler barada düşünje bermek. Läleleriň bentlerinde gaýtalanýan setirler arkaly ýaşlaryň kalbyna

watanperwerligi, edep-ekramy, ululara hormaty, kiçilere görelde bolmaklygy guýmak we öwretmek.

Monjugatdylar barada maglumat. Monjugatdylar barada maglumat bermek. Monjugatdynyň oturyp oýnalyşy. Bahar aýlarynda oýnalyşy. Söwzuman adynyň berlişi. Gelin-gyzlaryň monjugatdy oýnunyň ýerine ýetirişleri. Onda watanyň waspy, zähmetiň waspy, ýaşlaryň bagtyýarlygy, ýurt parahatçylygynyň waspy. Monjugatdylaryň bentlerinde berilýän degişme setirler. Redif barada düşünje. Monjugatdylaryň eňil formada bolup gelşi.

Ýomaklar. Ýomaklaryň ähmiýeti. Oturlyşykda, meýlisde, iki adamyň arasynda degişme güýç synanyşma häsiýetli ýomaklaryň ähmiýeti. Adamyň hereketi özüni alyp barşy bilen baglanyşykly ýomaklar.. adam agzalaryna degişli ýomaklar. Adamyň daş keşbine degişli ýomaklar, egin- eşigiň bilen baglanyşykly ýomaklar we olaryň terbiýeleýjilik ähmiýeti. Ýomaklarda adamlaryň bir-birine bolan garaýşy, ýamana ýigrenç, ýagşa söýgi we adalatlylyk duýgularyny ýaşlaryň kalbyna siňdirmek terbiýesini öňe sürýär.

Ýaramezanlar. Ýaramezanlaryň ähmiýeti, ýaramezan bentleri, ýaremezanlaryň dini häsiýetleri, öwüt-nesihatlary, dürli öwgüli duýgulary. Oraza aýy bilen baglylygy. Mazmuny, çeperçiligi. Olaryň bogny, rubagy, goşgy formasynda berlişi. Ata-enä söýgi; watanperwerligi, zähmetsöerligi, edep-ahlagy, özünden ululara hormaty, taryhy şahslara bolan garaýyşlary özünde jemleýär.

Oýun sözler, sanawaçlar. Sanawaçlar barada düşünje bermek. Sanawaçlaryň iki topara bölünişi. «Görüp gaçdy», «Gurruk depdi», «Kepban gurdy», «Gözdaňdy» oýunlarynyň oýnalyşynda sanalýan sanawaçlar barada düşünje bermek. Oýnalýan oýnuň uzyn gysgalygyny hasaba almak. Sanawaçlaryň ähmiýeti örän uludyr. Çagalaryň sanawaçlary näçe tizwe anyk aýtmaklygy sözbaýlygyny we çalt sözlemegini ösdürýär. K. Taňrygulyýewiň «Bäş dogan» goşgusynyň ähmiýeti. «Üýşüp-üýşüp oýnalyň» sanawajynyň ähmiýeti. «Ala öküz ekin eker», «Kyrkbogun» sanawaçlary çagalaryň ýatkeşligini, eşidiş ukybyny ösdürmäge, şahyrana sözlere türgenleşmäge aňynyň kämilleşmegine kömek edýär.

Matallar. Matallar barada düşünje bermek. Ýazyjy şahyrlaryň eserlerinde matallaryň duş gelmegi. Magtymguly we Durdy şahyryň matal häsiýetli goşgularyndan bentler meselem getirmek. K. Gurbannepesowyň «Eliň barmaklary», «Oturgyç», «Ene süýdi» goşgy häsiýetili matallary barada düşünje. Tebigat we tebigy hadysalar hakyndaky matallar. Adam we onuň agzalary hakyndaky matallar. B. Kerbabaewiň «Kim bilmişek» atly kitabyndan matallary okuwçylaryň aňyna etirmek.

Atalar sözi nakyllar. Atalar sözi – nakyllar barada düşünje bermek. Nakyllaryň durmuşda ulanylyşy. Adamzadyň Watana, il-ýurda bolan söýgüsiniň nakyllarda şöhlelenişi. B. Kerbabaýewiň «Çekişmäni bekişmez», «Yhlasa myrat», A. Kekilowyň «Egri azar, dogry ozar» eserleriniň atlarynyň nakyllardan alnyşy. Türkmen halk nakyllary. Atalar sözi çeper dil položitel ahlak – terbiýe hazynasydyr, egsilmez paýhas çeşmesidir.

## Proza janrlary 15 sagat

Ýaňyltmaçlar. Ýaňyltmaç sözüniň manysy barada düşünje bermek. «Ogry garga», «Güjük», «Fontan», ýaňyltmaçlaryny okuwçylara aýtdyrmak. Ýaňyltmaçlar esasan çagalaryň dilini ençmäge, olaryň çylşyrymly sözleri dogry aýdyp bilmek endiklerini kämilleşdirmäge kömek edýär.

Nesihatlar . Nesihatlar barada düşünje bermek. Hadyslardan alnan nesihatlar barada durup geçmek. Şahyrlaryň öwüt-nesihat häsiýetli goşgularynyň ähmiýeti barada. Ata-enä hormat, özüňden ululary sylamak, zähmetsöerlik, watanperwerlik duýgularyny ösdürmäge hyzmat edişi barada düşünje bermek. Edebiýat nazaryeti barada.

Rowaýatlar. Rowaýatlar barada düşünje bermek. Taryhda bolup geçen ýa-da bolýan, bolmagy ähtimal bir taryhy wakalar barada. Rowaýat – legendalar, suratlandyrmalar barada düşünje. Iskender Zülkarneýiň, Myraly, Soltansöýün, Keýmir kör, Nurberdi han, Gowşut han, Jüneýt han, Ezizhan ýaly taryhy şahslar barada Magtymguly, Kemine, Seýdi, Pyhy Tagan, Zelili, Mollanepes ýaly şahyrlar baradaky rowaýatlar. «Gürrüňiň guýrugy», «Bir bakyşda dört pasyl», «Galam alyp namany», «Urgenç», «Horezm», «Was», «Ata synagy», «Ýol ýitse-de ýordam ýitmesin» rowaýatlary barada durup geçmek. Okuwçylarda taryhy şahslara bolan garaýşy ösdürmek.

Ertekiler. Ertekileriň häsiýetleri. Durmuşy ertekiler. «Akylly daýhan» ertekisi. Fontastik (jadyly) ertekiler, «Öwezýalta» ertekisi. Haýwanlar hakyndaky ertekiler. Ejekejan ertekisiniň mazmuny. Ertekiler täsin wakalara baý we çuň mazmunly bolup, olarda erkana, eşretli durmuş, adamkärçilik, ynsan mertebesi, ertirki ýaşaýyş hakdaky süýji arzuwlar jemlenýär. Şol duýgulary ýaşlaryň aňyna siňdirmek terbiýesini bermeklige hyzmat edýär. Epik janr barada düşünje bermek.

Şorta sözler. Şorta sözler barada düşünje bermek. «Karzpul», «Köpelende iersiň», «Akylly guş», «Çopan we baý», «Weziriň gyzy», «Moskwany taparmyň», «Ojagazyň syrkawmydy?» ýaly şorta sözleri okuwçylara düşündirmek. Ykdysady we syýasy terbiýe bermeklige çalyşmak.

Epos barada düşünje. Epos barada maglumat bermek. Özbek, garagalpak edebiýatyndaky eposlar barada gysgaça düşünje bermek. Türkmen halk eposlary barada düşünje. Okuwçylaryň aňynda geçmişde zähmetkeş halkyň erkin durmuşy, eşretli ýaşaýşy, isleg-arzuwyny, jemgyetçilik durmuşyny özüçe özgertmäge eden ymtylyşlaryny gözöňüne getirip, häzirki durmuş, ýaşaýyş bilen deňleşdirmekligi şöhlelendirmek.

Gorkut ata eposy. «Bugaç han Derse oglunyň boýy» bölüminiň mazmunyny özleşdirmek. Eposda baş ideýa gahrymançylyk. Watana, il-güne söýgi, ýoldaşa wepalylyk, mertlik, uruş hünärlerini türgen bilmek ýaly durmuşyň talap edýän ýagdaýlarynyň görkezişine gözetirmek.

Salar Gazanyň öýüniň ýagmalandygy boýy bölümi. Bölümde bolup geçýän wakalaryň ähmiýeti. II bölümiň mazmuny. Garaja çopanyň mertligi. Salar Gazanyň

maşgalasy barada düşünje bermek. Ýaşlary mertlige watansöýüjilige, halkyna bolan söýgini oýarmaga çagyrmak.

**Dessanlar – 5 sagat.**

Dessanlar barada umumy maglumat. Halk dessanlary, olardaky zalym hanlar, şalar, begler, eziji synp wekilleri barada. Türkmen halk omonim dessanlarynyň sýujeti. Doganlyk halklaryň dessanlary barada «Şasenem-Garyp» dessany onuň mazmuny. Garybyň obrazy, Şasenemiň obrazy, Şaapbasyň obrazy. Dessanda öňe sürülýän esasy ideýalar we meseleler. Abadanyň we Güljemalyň obrazy, Akjanyň obrazy. Dessanyň gurluşy, dessanyň dili we çeperçiligi. Şasenem-Garyp we bagşylar. Edebiýat teoriýasy (nazariesi).

**Gadymy we orta asyrlar edebiýaty – 17 sagat.**

Gadymy türkmenleriň ýagdaýlary. Edebiýatyň gadymylygy. Omar Haýýam barada maglumat bermek. Mahmyt Kaşgarly barada düşünje bermek. «Diwany lugat et – türk» (Türki dilleriň sözleriniň diwany) kitabynyň mazmuny.

Baýram han barada düşünje. Berhurdar Türkmen barada düşünje. Nowaýy barada düşünje bermek. Ykdysady-medeni durmuş barada şol döwrüň ýaşaýşyny okuwçylara tanyş etmek we şahyrlaryň eserleri boýunça birnäçe bilim we terbiýe bermek.

VIII asyr türkmen edebiýaty

D. Azadynyň ömri döredijiligi.

«Wagzy - Azat» kitaby, bölekler. Okamak. Çaganyň ata-enesiniň öňündäki borç we haklary.

1. Hereket üsti bilen amala aşyrylmaly borçlar.
2. Dil arkaly berjaý edilmeli borçlar.
3. Köňül, ýürek bilen berjaý edilmeli borçlar.
4. Mal-zat bilen ödelmeli borçlar. Düşnüksiz sözler bilen işleşmek.

«Wagzy-Azat» kitabynyň mazmuny. Adamyň terbiýelenmeginde her taraplaýyn ösüp etişmeginde, hünär öwrenmeginde uly rol oýnaýar. Ussada hormat goýmaklygy öňe sürýär.

Magtymgulynyň ömri we döredijiligi. Magtymguly onuň durmuşy, döredijiligi. Okan erleri. Ussatlary, dünýäkeşdeligi. «Baş bolmaň» goşgusy. Durmuşda halanmaýan endikleri, gylyklary, häsiýetleri çeper beýan edýär. Bu goşgusy arkaly şahyr türkmen ýigitleriniň, gyzlarynyň akylly-başly, edep-ekramly, abraýly adamlar bolup etişmegini arzuw edýär we nesillere ýadygär galdyrýar. «Otur-turşun görüň», «Paş eder seni», «Bitmek gerek» goşgularynyň mazmuny, manysy, terbiýeçilik ähmiýeti.

**Doganlyk halklaryň edebiýaty 12 sagat**

Aýbek Musa Täçmuhammet ogly. Ömri durmuşy. Döredijiligi. Tanymal türkmen ýazyjysy G. Gurbansähedowyň ýatlatmalary. «Mukaddes gan», «Güneş garalmaz», «Altyn jülgäniň şemaly», «Nowaýy» romanlary barada. Rus ýazyjylarynyň beren bahalary barada düşünje bermek.

Garagalpak edebiýatynyň görnükli wekili Ajynyýaz Kosybaý ogly. Şahyryň ömri durmuşy we döredijiligi. «Illerim bardyr» goşgusy manysy, terbiýeleýjilik ähmiýeti. ÝAşlaryň kalbyna watany söýmek, halkyna bir ömür hyzmat etmek. ÝUrduny dürli howplardan goramak. Watanyň topragyny özüňe altyn hasaplamak. Ondan önýän önümler, obanyň gelin-gyzlary, ýigitleri… hemmesini unutmazlyk duýgusyna üns jemleýär.

Gurbanmät Aşyrow. Ömri, döredijiligi, goşgulary. «Bu erkinligiň miwesi dälmi», «Neşäni» goşgularynda Özbegistan watanymyzyň erkinligi wasp edilýär. «Neşäni» goşgusynyň üsti bilen ýaşlara öwüt-nesihat berýär. Gybatkeşi ýazgarýar. Şonuň ýaly erbetliklerden saklanmagy, edepli, ahlakly ýigitler bolup etişmegi öňe sürýär.

## 8 – nji synp.
## Jemi 68 sagat

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Dürli edebi žanrlara degişli disskúsiýalara gatnaşýar;

Oňat ideýalar we ynsanperwerlik häsiýetler hakynda pikir ýöredýär;

Çeper edebiýatyň görnüşlerini analiz edýär;

Eseriň gahrymanlarynyň häsiýetine baha berýär;

Türkmen milli dramatürgiýany düşünýär;

Gazallary mazmuny boýunça analiz edýär;

Dürli ýagdaýlarda nutk medenietiniň kadalaryny ýerine ýetirýär;

Edebi diliň normalaryny ýerine ýetirip, dürli temalar boýunça referat we döredijilikli tekst ýazýar.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**
**(çukurlaşdyrylan synplar üçin)**

Ýazyjynyň söz sungatyny, terjime eserlerini düşünýär;

Eserlere annotasiýa we kiçi habarlar ýazýar;

Eseriň ideýasy, çeper aýratynlygyny we ýazyjynyň ussatlygyny bahalap bilýär.

### Giriş 1 sagat.

Çeper edebiýat bilen durmuşyň baglanyşygy. Çeper eserlerde millet durmuşyna dahyldar taraplaryň sebäpleri. Häzirki döwürde ynsanlaryň obrazlarynyň çeper eserlerde suratlandyrylyşy. Edebiýatyň jemgyýet bilen arabaglanyşygy. Çeper eserde diliň şekillenişi. Çeper eser esasy durmuş.

### Gadymy we orta asyrlar edebiýaty 17 sagat

Orhon Ýeniseý ýazuw ýadygärlikleri. Türkmen halkynyň we edebiýatynyň gadymylygy. Gadymy hem orta asyrlarda jemgyetçilik – syýasy ýagdaýlar we edebi ýadygärlikler. Gadymy türki ýadygärlikleriň ähmiýeti. Türki halkynyň geçmiş taryhyny öwrenilişindäki ýazuw ýadygärlikleriň tutýan orny.

Ibn Sina «Süýt beriberiň», «Üç aý gija galdyň». Meşhur tebip – Lukman Hekim barada söz. Ibn Sina we türkmen edebiýaty. Lukman Hekimiň rowaýatlary.

Keý Kowus. Keý Kowus barada maglumat. «Kowusnama» onuň pasyllary. Eseriň sargytlarynyň dürlüligi. «Kowusnama» biziň döwrümiziň pedagogik, öwüt-nesihat kitaby. «Bedew edinmek hakynda» dien faslyny okamak, mazmunyny özleşdirmek. «Ata-enäni hormatlamak hakynda» bu fasly okamak we mazmunyny özleşdirmek. «Dostluk hakynda» fasly okamak we mazmunyny özleşdirmek.. dostluk barada bäsleşik.

Mahmyt Kaşgarly. Alym we dilçi barada gürrüň. Ýusup Balasagunlynyň döwürdeşi. «Diwany lugat et-türk» kitaby (gürrüň, okuw). Sözlügiň görnüşleri we häzirki döwürdäki ähmiýeti. Dörtleme barada söz.

Hoja Ahmet Ýasawy. Hoja Ahmat Ýasawynyň türkmen edebiýatyndaky orny. Ýasawy we sopuçylyk ylmy. Onuň hikmetleriniň terbiýeçilik ähmiýeti.

Ýunus Emre barada söz. Onuň şygyrlary. Ýunus Emräniň ömri we döredijiligi. Şahyryň adam, ömür, dünýä, dostluk, söýgi baradaky goşgularyny okamak, analizetmek.

Seýit Nesimi «Dünýäde», «Bolmazdy», «Bellidir». Seýit Nesiminiň ömri we döredijiligi. Onuň gazallarynda dostluk, edeplilik, ahlak, ynsanperwerlik ideýalary barada. Nesimi edebiýatda we sungatda gazal barada maglumat.

Muhammet Baýram han. Muhammet Baýram hanyň ömri we döredijiligi, onuň lirikasynda mertlik, söýgi temasy. Şahyryň goşgularynyň formasy, ähmiýeti. Edebi janrlar. Baýram han – meşhur türkmen şyhyry, harby serkerde, Baýram hanyň goşgulary.

Garajaoglan. Garajaoglanyň ömri we döredijiligi. Şahyryň lirikasynda il-ýurt, Watan, yşk-söýgi, hoşlaşyk baradaky goşgularyny okamak we analizetmek. Garajaoglanyň edebiýat meýdanyndaky orny.

**XVIII asyr edebiýaty 20 sagat**

Nurmuhammet Andalyp «Leýli – Mejnun» dessany. Nurmuhammet Andalybyň ömri we döredijiligi. Şahyryň poeziýasyna gysgaça syn. «Leýli – Mejnun» dessanynyň temasy, ideýa-mazmuny. Dessanyň obrazlar sistemasy. Leýli bilen Mejnunyň obrazy Şasenem bilen Garybyň obrazlaryna deňeşdirmek. “Leýli – Mejnun” dessany we bagşylar. Dessan biziň döwrümizde. Andalybyň edebiýat meýdanyndaky orny.

Magtymguly. Magtymgulynyň döredijilik ýoly. Magtymguly we gündogar edebiýaty. Döredijilik lirikasy Azady, Nowaýy, Berdak. Şahyryň «Gidiji bolma», «Iliňni», «Zor bolar», «Zat ýagşy», «Durasyň geler», «Janyna degmez» goşgularyny okamak we analizetmek. Watansöýüjilik, namarda boýun bolmazlyk, adamkärçilik nietlerini terbiýeleýän öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlarynyň tutýan orny.

Abdylla Şabende. Abdylla Şabendäniň ömri we döredijiligi. «Gül – Bilbil» dessanynyň ideýa-mazmunyny özleşdirmek. Obrazlar sistemasy. Şabende dessançy şahyr. Dessanyň dili we kompoziцiýasy. Çeper edebiýatda fantaziýanyň tutýan orny. Häzirki zaman edebiýatynda fantaziýanyň ähmiýeti.

Şeýdaýy. Şeýdaýynyň ömri we döredijiligi. «Bazyn tanymaz», «Peşden aýrylsa», «Ýigidiň» goşgularynda mertlik we namartlykdan sözaçýar. Mert ýigitlere guwanç, namartlara ýigrenç, halk köpçüligine akyl, öwüt-nesihat beriji taglyma ýugrulan.

Mahmyt Gaýyby. Mahmyt Gaýybynyň ömri we döredijiligi. «Gelende bardyr» goşgusynyň emele gelşi baradaky rowaýat. Şahyryň «Gelende bardyr» goşgusynyň türkmen edebiýatynda tutýan orny, «Otuziki tohum kyssasy» barada maglumat bermek. Bu eserde adam häsiýetleriniň beýan edilişi. Eseriň munazara görnüşinde ýazylmagy. Gaýybynyň şu eseri bilen gündogar edebiýatyny baýlaşdyrmagy. Onuň medenietiň we sungatyň ösüşindäki hyzmaty.

Gurbanaly Magrupy. Gurbanaly Magrupynyň ömri we döredijiligi. Şahyryň «Watanym galdy», «Işin tanymaz», «Başy gerek», «Çilimkeş» goşgularyny okamak we analiz etmek.

**XIX asyr edebiýaty 12 sagat**

Mämmetweli Kemine. Mämmetweli Keminäniň ömri we döredijiligi. Keminäniň adyny aýdylan şorta sözler, Kemine – satirik şahyr. Onuň lirikasynda «Zülpüň», «Garyp», «Derdinden» şygyrlarynyň tutýan orny. Rowaýata görä «Zülpüň» goşgusyny düzmäge bir wakanyň sebäp bolşy.

Seýitnazar Seýdi. Seýitnazar Seýdiniň ömri we döredijiligi. “Üsti bedewiň”, “Gördüm owadan”, “Habar ber gardaşym”. Şahyr goşgularynda türkmen halkynyň ulagy bolan at barada, türkmen gelin-gyzlarynyň gowy sypatlarynyň wasp edilişini hem-de dostluk-doganlyga bogan garaýşyny inçelik bilen yzarlaýşyny belläp geçmek.

Gurbandurdy Zelili. Gurbandurdy Zeliliniň ömri we döredijiligi. Şahyryň “Ýaraşmaz”, “Bigäne ýagşy”, “Başda bellidir”, “Janymyň jananasy” goşgularyny okamak we analizetmek, ýat tutmak. Goşgularynyň üsti bilen adamkärçilik sypatlarynyň ýüze çykyşyny öwretmek.

Mollanepes “Zöhre – Tahyr” dessany. Mollanepesiň ömri we döredijiligi. Onuň yşk mülküniň şasy ekenligini aýtmak. “Zöhre-Tahyr” dessanynyň ideýa-mazmuny. Dessanyň temasy, köp wariantlylygy. Obrazlar sistemasy, olaryň toparlara bölünişi.

Annagylyç Mätäji. Annagylyç Mätäjiniň ömri we döredijiligi barada. Şahyryň “Onda bar”, “Gerekdir”, “Ýigidiň” goşgularyny okamak we analizetmek. Goşgularda watançylyk, mertlik, batyrlyk barada gürrüň berilýär.

Misgingylyç. Misgingylyç barada söz. Onuň “Ker bolar gulak”**,** “Daglar”, “Degmez” ýaly goşgularynyň watançylyk, öwüt-nesihat, durmuşy temalarda ýazandygyny hem-de okadyp okuwçylara analiz etdirmek, ýat tutdurmak.

**Doganlyk halklarynyň edebiýaty 14 sagat**

Alyşir Nowaýy. Nowaýy gazal mülküniň soltany. Alyşir Nowaýynyň ömri we döredijiligi barada maglumat. Onuň lirikasy. Nowaýynyň dünýä edebiýatynda tutýan orny. Nowaýy we türkmen edebiýaty. Şahyryň goşgulary we onuň ähmiýeti. Onuň “Perhat we Şirin” poemasynyň ideýa mazmuny. Perhat mertligiň, batyrlygyň, dosta wepalylygyň simwoly hökmünde. Perhat bilen Şiriniň söýgüsine wepalylygy. Alyşir Nowaýynyň bu poemasy edebiýat taryhyna edebi obrazgoşmagy. Gazal barada maglumat bermek.

Muhammet Fizuly. Fizulynyň lirikasy. Döredijiliginiň türkmen edebiýatyna täsiri. XIX asyr türkmen edebiýaty we Fizuly. Türkmen klassyky şahyrlarynyň Fizula bolan hormaty. Onuň gazallarynyň çeperçiligi.

B. Berdak. Şahyryň ömri. Berdak we Magtymguly şahyryň döredijiligi. “Halk üçin” goşgusynyň ideýa-mazmunyny öwrenmek. Berdak özhalkyna hyzmat eden şahyr hökmünde.

“Ilim, günüm bolmasa, aýym, günüm dogmasyn” nakyly esasynda bäsleşik.

Abdylla Arypow. Şahyryň ömri, döredijiligi barada maglumat. Onuň edebiýat meýdanyndaky orny. “Ýyllar armany” goşgusynyň mazmuny. Bu goşguda öňe sürülýän pikirler. “Aýrylmaz” goşgusynyň ideýa-mazmuny. Bu goşgyny beýie türkmen şahyry Magtymgulynyň goşgularyna höwes bildirip ýazmagy. Dostluk-doganlyk terbiýesi.

**Dünýä edebiýaty 4 sagat**

Abulkasym Ferdöwsi. Pars hem täjik şahyry, sözussady barada maglumat. Halk döredijiligi we Ferdöwsiniň eserleri. Türkmen edebiýatynda Ferdöwsiniň eserleri. Türkmen edebiýatyna Ferdöwsiniň döredijilik täsiri. Onuň “Şanama” eseriniň mazmunyny özleşdirmek. Bu eseriň rowaýatlar we taryhy ýazgylar esasynda döredilmegi. Türkmen edebiýatynyň görnükli klassyklaryna “Şanama” eseriniň täsiri.

Abdyrahman Jamy. A. Jamynyň ömri we döredijiligi barada maglumat. Jamy döwründe gündogar edebiýatynda ýörgünleşen üç ugur barada. Jamynyň türkmen edebiýatyndaky orny. Nowaýy we Jamynyň dostlugy. “Altyn zynjyr” eserini okamak, mazmunyny öwrenmek. Bu eserde çeper sözüň ähmiýetleri.

“Sylaglar we temmiler” kitaby. “Sylaglar we temmiler” kitaby Hytaý taryhyndan başlap, dürli döwürleri, pähimleri öwüt-ündöwleri öziçine almagy we öwüt-ündewiň ajaýyp nusgasy hasaplanmagy. Doganlyk-dostluk terbiýesi.

R. Tagor ömri we döredijiligi barada maglumat . Tagoryň döredijiligi türkmen we özbek alymlaryna öztäsirini etirmegi. Türkmen we özbek sungatynda dostluk-doganlygyň wasp edilişi. Edebiýaty suratlandyryşy.

Sergeý Esenin . Şahyryň ömri we döredijiligi. Eseniniň döredijiligi dünýä edebiýaty taryhynda tutýan orny. Eseniniň döredijiliginiň türkmen şahyrlaryna eden täsiri. Şahyryň “Meniň ýolum”, “Eneme hat” goşgularyny okamak we ideýa-mazmunyny özleşdirmek. Onuň goşgularynda dostluk-doganlygyň waspynyň döredilişi

## 9 – njy synp
## Jemi 68 sagat

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Eserdäki we şygyrdaky filosofik garaýyşlara öz gatnaşyny bildirýär;
Milli we dünýä medeniýeti hakynda pikir ýöredýär;

Klassyky we häzirki döwür türkmen edebiýatynda taryhy temalara we taryhy şahsyetleriň obrazyna öz gatnaşyny agzeki we ýazmaça görnüşde beýan edip bilýär;
Eserlerde getirilen milli we ynsanperwerlik ideýalary anyklap bilýär;
Nutk medenieti we sözleşmeklik edebini ýerine ýetirýär;
Öwenilen temalara degişli dilleriň grammatiki we orfografiki kadalaryny bilýär,ony agzeki we ýazmaça nutkda peýdalanýar.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**
**(çuňlaşdyrylan synplar üçin)**

Türkmen milli dramaturgiýasyny analiz edip bilýär;
Dürli žanrdaky çeper edebiýatlar hakynda söhbet gurýar, oňa bolan garaýyşyny beýan edýär.
Eseriň çeperçiligine we ideýasyna we ýazyjynyň ussatlygyna baha berýär.

**Giriş – 1 sagat.** Edebiýat ylmynyň maksady, wezipesi. Çeper edebiýat we obrazlylyk. Gadymy däp-dessurlarymyzyň we medeni ykdysady, syýasy gatnaşyklaryň çeper beýany barada söhbet.

## VI - XII asyrlar edebiýaty 9 sagat

Orta Aziýa araplaryň gelmegi we edebiýat. Türk kanagatlygynyň döremegi we onuň dargamagy. Araplaryň Orta Aziýa gelmegi. Araplara garşy Mukannanyň gozgalaňy. Yslam dininiň ornaşdyrylmagy. Şol döwrüň ykdysady, syýasy ýagdaýy. Medeniýeti we edebiýaty barada gysgaça söz.

Ýusup Balasagunly «Kutadgu bilig» eseri. Bu eseriň döredilmeginiň sebäpleri. Eserde döwleti dolandyrmak, adalatly syýasat ýöretmek, il-halkyň ýaşaýyş durmuşyny gowulandyrmak ýaly meseleleriň çözgüdi hakynda sözýöredilmegi. Şu meseleler türki edebiýatynda mundan on asyr öň şu derejede derňew edilip çözülmeginiň özi dünýä ýüzüne halklarymyzyň gör nähili derejede uly goşant goşanlygyny giňişleýin düşündirmek. Halkyň bir ideýa ugrunda jebisleşmegi üçin bu eseriň özdöwri üçin hem, bu günki üçin hem uly ähmiýetiniň bardygyny ýaş nesil aňyna siňdirmek.

Didaktiki edebiýat barada düşünje **.** Gündogar bilen günbatar edebiýatynyň bir-birinden tapawutly tarapy. Gündogar edebiýatynda mahsus didaktiki edebiýatynyň ýüze çykmagy. Olaryň esasan edebi şekile görä bölünişi. Edebiýatda bar bolan didaktik eserler bilen tanyşdyrmak. Bu eserleriň ähmiýetini giňişleýin düşündirmek.

Orta Aziýanyň görnükli alymlary. Orta Aziýa alymlary Al Horezminiň, Birunynyň, Ibn Sinanyň, Farabynyň ömri we döredijiligi barada gysgaça söz. Dünýä ylymyna goşan goşantlary. Olaryň döredijilik mirasy halkymyzyň geçmiş taryhyny, däp-dessuryny, medenietini, edbiýatyny öwrenmekde bahasyna etip bolmajak baýlykdygyny ýaş nesil aňyna siňdirmek. Bu beýik alymlarymyz mirasyny gadyrlamak we olara buýsanmak ýaly ýokary ruhdaky terbiýän bermek.

Hadyslaryň döreýşi. Hadyslar. Hadyslaryň döremeginiň sebäpleri we ýüze çykmagynyň esasy faktorlary. Hadyslaryň köpdürlüligi. Hadyslary toplap, ol bilen meşgul bolan muhaddisler. Şol sanda Orta Aziýaly muhaddisler barada giňişleýin düşünje bermek. Olaryň hadyslaryndaky edep-ahlak, ynsan ruhyeti bilen bagly meseleleri ýaş nesil aňyna siňdirmek. Hadyslaryň ýaş nesli terbiýelemekdäki roly. Hadyslaryň ähmiýeti.

Tasawwuf (sopuçylyk)ylmynyň peýda bolmagy. Tasawwuf ylmynyň döremegi, onuň döremeginiň esasy sebäpleri we maksady. Tasawwuf ylmynynyň Orta Aziýa ýaýramagy we onuň esasy ugurlary barada gysgaça söz. Orta Aziýa topragynda esasy rol oýnan Nagyşbendiýa, Ýasawiýa tarykat we olaryň halky kämillige ündemegi. Tasawwuf ylmynyň edebiýata ornamagy. Ýaş nesle kämil ynsan terbiýesini bermek.

Omar Haýýam. Omar Haýýamyň döredijiligi. Şahyryň döredijiligine tasawwuf ylmynyň täsiri. Rubagylaryndaky ynsan durmuşynyň mazmuny hakyndaky filosofik pikirler.

Hasan ata, Hekim ata – Gül Süleýman Bakyrgany. Tasawwuf ylmyna baş goşmagy we beýik kämil ynsan (Enelhak) derejesine etmegi. Gözli ata baradaky rowaýatlar. Türkmenler arasynda keramatly ynsan dien meşhurlyga eýe bolmagy. Ylahy yşka bagyşlap ýazan «Uçdum men-ä» goşgusy. Ylahy yşka düşen ruhy ahwalynyň beýany. Hekim atanyň ömri we döredijiligi. Tasawwuf ylmyna baş goşmagy. Kämil ynsan derejesine etmegi. Ol hakyndaky halk arasynda bar bolan rowaýatlar. Tasawwuf ylmy täsirindn döreden «Bakyrgany» atly goşgusy. Onda arzuw isleglerininiň, arzuw-umytlarynyň beýan edilişi.

## XIII – XIV asylar edebiýaty 5 sagat

XIII – XIV asylar edebiýaty**.** XIII asyryň başlarynda Orta Aziýa mongol basybalyjylarynyň ýörüşi. Horezm hanlygyndaky dagynyklyk. Jelaleddiniň edermenligi. Halkyň agyr kynçylyga sezewar bolmagy. Orta Aziýanyň mongollar gol astynda galmagy. Mongollara garşy halk gozgalaňlary. Emir Temur we Temuriler

döwletiniň döremegi. Şol döwrüň ykdysady, syýasy ýagdaýy, taryhy eserleriň döremegi. Bu eserleriň geçmiş taryhymyzy öwrenmekdäki ähmiýeti.

«Görogly» eposy «Bezirgen» şahasy**.** Eseriň mazmuny bilen tanyşdyrmak. Ondaky duşmanyň gurýan hilegärlikleri, her hili mekirlikleri, onuň etirýän zyýanlary, dost bilen duşmany seljermegiň zerurlygy. Çakdan aşa sadalygyň, ynanjaňlygyň adama etirýän zyýany baradaky pikirleri ýüze çykarmak. Watana, il-güne wepaly bolmak ýaly gowy häsiýetlere eser üsti bilen ýaş nesil aňyna siňdirmek. Epos barada umumy düşünje bermek. Eseriň bu günki günde geçmişimizi, däp – dessurymyzy öwrenmekde uly ähmiýetiň bardygyny düşündirmek.

Zahiretden Muhammet Babur. Baburyň durmuş ýoly. Hindistanda guran döwleti. «Haty Babury» atly döreden ýazuwy barada gysgaça söz. «Baburnama» atly eseri barada maglumat. Eserde watançylyk ideýanyň öňe sürülmegi. Eseriň ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemekdäki orny.

**Edebi hyzmatdaşlyk 8 sagat**

Edebiýat nazaryýeti. Memuar eser. Edebi hyzmatdaşlyk. Orta Aziýa halklarynyň syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklary. XVIII asyra çenli bolan ortalyk edebiýat we şol edebiýata ortalyk diýilmeginiň sebäpleri. XVIII asyrda edebiýatda ýüze çykan millilik. Özbek, türkmen, garagalpak edebiýatyndaky edebi hyzmatdaşlyk. Hywa, Buhara hanlygy döwründäki ykdysady, medeni ýagdaý. Bu ylym ojaklarynyň hyzmaty. Hywa, Buhara zanlygy döwründäki edebiýat. Edebiýatyň ösmegi üçin zerer bolan mümkinçilikleriň döremegi.

Durdy şahyr. Şahyryň ömri we döredijiligi barada gysgaça söz. Durdy şahyr bilen Magtymgulynyň özara gatnaşyklary. Durdy şahyr bilen Magtymguly Pyragynyň aýdyşyk goşgulary. Aýdyşyk goşgularyň döremeginiň sebäpleri. Bu aýdyşyk goşgudaky dini düşünjeler we rowaýatlar barada düщünje bermek.

Magtymguly. Ýazyjy G. Kulyýewiň 1989-njy ýylda Magtymguly baradaky ýazan ýatlamasynyň mazmuny bilen tanyşdyrmak. Ýazyja G. Kulyýewiň Magtymgulynyň ýaşan eri bolan Hajygowşan, Aktokaý obasyna eden sapary we onda galdyran täsinlikleri. Magtymgulynyň neberesi Ata işan bilen geçiren gyzykly söhbeti barada giňişleýin düşünje bermek. Magtymguly Pyragynyň «Uýat eýleýir», «Boýlaryňa» goşgusynyň mazmuny bilen tanyşdyrmak. Goşguda aşyk-maşugyň päk söýgüsiniň açyp görkezidişi. «Gözel Şirgazy» goşgusy. Bu goşgynyň döremeginiň sebäbi. Şahyryň ylym, bilim alan mukaddes erine bolan söýgüsi. Şahyryň döredijilik

ýaýlymy. Şahyryň durmuşy, öwüt-nesihat, watançylyk, gahrymançylyk temada ýazan goşgulary barada gysgaça söz. Bu goşgularyň ähmiýeti. Goşgulardaky öwüt-nesihatlaryň ýaş nesle terbiýe bermekdäki esasy roly. Magtymgulynyň öwüt-nesihatlaryny (eserlerini) halka etirmekde bagşylaryň hyzmaty. Magtymguly we halk döredijiligi. Şahyryň döredijiligi-de (nakyllaryň, eposlaryň, rowaýatlaryň, dessanlaryň, ertekileriň we ş.m) halk döredijiliginiň has köp ulanylmagy, onuň eserleriniň täsiriniň güýçlenmegine gymmatynyň artmagyna edýän hyzmatynyň biçak uludygyny giňişleýin düşündirmek.

**XX asyryň türkmen edebiýaty 25 sagat**

XX asyryň türkmen edebiýaty. Ruslaryň Orta Aziýany eýelemegi. Şol döwrüň ykdysady, syýasy ýagdaýy. Halkyň hal ýagdaýynyň peselmegi. Rus kolonizatorlarynyň hile oýunlary. Ýurtda emele gelen durgunsyzlygyň esasy sebäpleri. Orta Aziýa halklaryny bir-birine garşy goýmak, biri-biriniň garşysyna öjükdirmek, olaryň üstünden özhökmüni ýöretmek ýaly syýasatyň iň ösen döwri hakda maglumat bermek. Rus kolonizatorlaryna garşy halk gozgalaňy. Ak patyşanyň agdarylyp, Şuralar döwletiniň döremegi. Bu syýasatyň dürli hili oýunlary netijesinde halklaryň ýaşaýyş durmuşlarynyň kyn ýagdaýa düşmegi. Asyrlar boýy alnyp barlan söwda gatnaşyklarynyň bütinleý ýatyrylmagy. Rus hem-de Kawkazsöwdagärleriniň ot bilen ýalna öwrülen harytlarynyň Orta Aziýa halklaryna has gymmat görnüşde satylmagy. Orta Aziýada önýän çig mallary. Ujypsyzzada talançylyk ýagdaýda Russiýa ugradylmagy. Halkymyzýüreginde galan geçmişiň yzgoýan agyr pursatlaryny giňişleýin düşündirmek. Garaşsyzlygyň ähmiýetini, onuň gadyr-gymmatyny bu günki günüň eşretini döredilen edebi eserleriň üsti bilen ýaş nesil aňyna siňdirmek.

Türkmen edebiýaty 20-30-njy ýyllarda. 1917-nji ýylda ýurtda emele gelen ykdysady, syýasy ýagdaý. Bu döwürde ýüze çykan graždanlyk urşy. Halkyň gyrgynçylyga berilmegi. Şuralaryň ýeňiş gazanmagy, ýurdy doly edara etmegi. Özbegistan, Türkmenistan sowet respublikalarynyň döredilmegi we olaryň Moskwa garaşly edilmegi. 1932-nji ýyllarda intelegensiýanyň gülleri hasaplanýan azat pikirli adamlaryň dürli töhmetler bilen günäsiz ýere ýok edilmegi. Halkyň gorky astynda ýaşamagy we onuň sebäpleriniň giňişleýin beýany. Synpy göreş dien düşünja agram salynmagy. Däp-dessurlardan mahrum edilmegi. Halkyň gerçek ogullaryna dürli töhmetler, günäler ýöňkelip, olaryň özýurtlaryndan uzak ýerlere sürgün edilmegi. Şol döwürdäki metbugatyň, edebiýatyň, sungatyň tutuşlygyna kommunistik ideologiýanyň propoganda ýarlygyna öwrülmegi. Kolonial edebiýatyň ýüze çykmagy.

Türkmen edebiýaty 60-80 – nji ýyllarda .   XX asyryň 60-80 nji ýyllarynda türkmen edebiýatynyň ösüşi. Edebiýat meýdanyna gelen ýazyjydyr şahyrlaryň täze tapgyry bilen tanyşdyrmak. Ideýa çeperçilik mazmuny taýdan gözegçilik ýagdaýda kämilleşmegi. Ewropa edebiýatyndaky edebi akymlaryň ugurlaryň öwrenilmegi. Gündogar edebiýatyna degişli köp terminleriň iň möhüm teoretika düşündirişleriň öwrenilmän, «bir çete» goýulmagy. Rus alymlary tarapyndan döredilen teoretik pikirlere ýykgyn edilmegi. Garaşsyzlygyň ähmiýetine we galam erkinligini okuwçy aňyna siňdirmek.

Türkmen halkynyň geçen taryhy ýolunyň edebiýatda şöhlelendirilişi . Halkymyzyň geçen taryhy ýolundaky möhüm wakalara, uly şahslara bagyşlap ýazylan eserleriň döredilmegi. Ol eserlerde hakykatyň, halkyň ýaşaýyş durmuşynyň hal ýagdaýlarynyň açylyp görkezilişi. Halkyň geçmiş ýolunyň çeper beýan edilişi. Eserleriň çeper söze obrazlara baýlygy. Orta asyryň wakalaryndan durgunlyk ýyllarynyň wakalaryndan sözaçýan eserler hakynda gysgaça söz. Bu eserleriň bu günki gün üçin ähmiýeti.

B. Kerbabaýew . Ýazyjynyň döredijiligi barada söz. Ýazyjynyň ilkinji poeziýa janrynda döredijilik etmegi. Magtymgulynyň eserlerini toplap çapa taýýarlamagy. Dürli janrlarda döredilen eserleri. Terjime işi bilen meşgul bolmagy. «Nebitdag», «GaýgysyzAtabaý», «Suw damjasy – altyn dänesi» atly romanlarynyň temasy, ideýasy. Taryhy wakalaryň ýokary çeperçilik häsiýetde beýan edilişi. Bu eserleriň terbiýeçilik ähmiýeti barada giňişleýin düşünje bermek.

«Aýgytly ädim» romany.  Türkmen edebiýatynda ilkinji ýazylan monumental realistik romanda 1917-nji ýylyň wakalarynyň we grajdanlyk urşy döwründe türkmen halkynyň ykbalynda bolup geçen özgerişleriň çeperçilik taýdan açyp görkezilişi. Bu romanyň durgunlyk döwrüň edebiýatynda uly edebi hadysa eýe bolmagy. Totilitar sistemanyň hökmürowanlyk edýän döwründe şol döwrüň ideologiýasy täsirinde ýazylanlygy. Şoňa garamazdan romandaky gahrymanlaryň obrazlarynyň ynsançylyk häsiýetleriniň watançylyk, dostluk ideýalarynyň umumy adamzada mahsus bolan ruhy hem ahlak gymmatlyklarynyň gumanistik hem progressiw pikirleriň siňdirlendigini inkär etmezlik. Eseriň halkymyzyň ruhy estetiki – emoцional isleglerine laýyklygyny giňişleýin düşündirmek. Artygyň, Aýnanyň, Aşyryň obrazlary. Romanyň çeperçiligi, eseriň türkmen edebiýatynyň taryhyndaky orny. Roman – epopeýa barada düşünje.

G. Kulyýew. G. Kulyýewiň ömri we döredijiligi «Ýowuz günler» romanynyň «Aşgabatda» atly bölegi bilen tanyşdyrmak. Eseriň baş gahrymany Magtymguly

Pyragynyň keşbiniň has täsirli beýan edilmegi. Eserde watançylyk, parahatçylyk ýaly akylly ynsan häsiýetleriniň açyp görkezilişi.

N. Saryhanow «Şükür bagşy» powesti. N. Saryhanowyň «Şükür bagşy» powesti. Powestiň temasy, ideýasy, onuň döredilіş taryhy. Şükür bagşynyň edermenligi. Halkyň ar-namysyny goramaga jan köýdürmegi. Sazsungatynyň gudraty. Eserde her bir adam ähli kynçylyklary eňiji bolmalydyr dien ideýanyň öňe sürülmegi. N. Saryhanowyň ussat ýazyjylygy. Ýazyjynyň durmuş wakalaryndan temany saýlap alyp bilmek tärine ökdeligi. Eserleriň aktuallygy. Hakyky durmuş real wakalary saýlap almagy. Eserleriň çuňňur ideýalylygy, joşgunly watançylyk duýgularyna ýugrulandygy bilen tapawutlanýandygy. Eserleriň diliniň sadalygy hem-de düşnükliligi. Prototip barada düşünje.

Beki Seýtäkow . B. Seýtäkowyň ömri we döredijiligi. Durdy Gylyç şahyr barada ýatlamalyryndan bölek. Durdy Gylyjyň anyk kesbiniň we ol bilen bagly wakalaryň beýany. Durdy Gylyjyň obrazy. Onuň asylly, göreldeli taraplyry. Halkyň göwnüni göterip, olary geljege ruhlandyrmagy. Halkyň ykbaly üçin jan köýdürmegi. Ýatlamada şahyryň gowy häsiýetleriniň açyp görkezilişi. Ýaş nesli ýagşy häsiýetlere ündemek.

S. Ataýew. S. Ataýewiň ömri we döredijiligi. “Delidäki türkmen derwezesi” atly çeper publiцistik makalasy. Delidäki türkmen derwezesiniň geçmiş taryhy, häzirki ýagdaýy, hind-türkmen dostlugy baradaky gymmatly maglumatlaryň eserde giňişleýin beýan edilmegi. Hindistan we Orta Aziýa halklarynyň geçmişindäki ykdysady syýasy medeni gatnaşyklary. Bu günki gündäki ykdysady syýasy medeni gatnaşyklar. Dost-doganlyk terbiýä ündemek. Publisistika barada düşünje.

Aman Kekilow. “Söýgi” romany. Romanyň temasy ideýasy. Onda durmuşyň ösüş kanunlarynyň täze adamlaryň kemala gelşiniň ynsanyň ajaýyp ahlak sypatlarynyň, ruhy gözellikleriniň, söýgüniň maşgala meselelerine bolan täzeçe garaýyşlarynyň giňden açylyp görkezilişi. Ogulnabadyň, Akmyradyň, Begenjiň obrazlary. Gahrymanlaryň gowy häsiýetleri we ýaş nesli terbiýelemekdäki roly. “Söýgi” romanynda ynsanyň iň näzik duýgusy bolan söýgi barada, durmuş barada bagt barada, edep-ekram, zähmetsöýerlik, halallyk ýaly ajaýyp häsiýetleriň ýüze çykarylmagy eseriň ähmiýeti. Bu romanyň türkmen edebiýatyndaky orny. Liro-epik janr barada düşünje.

Türkmen poeziýasynyň ösüşi. Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndaky türkmen poeziýasy. Durmuş ýaşaýyş barada filosofiki oýlanmalary beýan edýän eserleriň döremegi. Iri poeziýa eserleriniň döremegi. Eserleriň çuňňur many ýugrulanlygy.

Poeziýada täze obrazlaryň tärleriň, häsiýetleriň ýüze çykmagy. Ýönekeý okyjy üçin düşünmesi kyn öwrümli pikirleri orta atýan goşgularyň köpelip başlamagy. Ynsançylyga sygmaýan zatlary ýazgarýan eserleriň döredilmegi. Bozuk ahlaklylygy, edem-gylyma öwrülip barýan hakyky türkmen halkyna gelişmeýän erbet häsiýetleriň tankytlanmagy. K. Gurbannepesowyň, H. Kulyýewiň, G. Ezizowyň, A. Omarowanyň, J. Nuryýewiň A. Atabaýewiň**,** A. Agabaýewiň, G. Daşgynowyň döredijiligi barada düşünje bermek. Goşgy düzüliş formalary.

K. Gurbannepesowyň “Tomus ýazgylary” eseri. Şahyryň “Tomus ýazgylary” eseri. Ondaky edebiýat durmuş baradaky oýlanmalary. Şahyryň päkligi, arassalygy, adalaty göriplerden harsy dünýälerden, wezipeparazhapa adamlardan goramaga özüniň esasy ýorelgesi edinmegi. Şahyryň aýdyşyk goşgusy, onuň döreýiş taryhy. Goşudaky ajaýyp pikirler. Okyja edýän täsiriniň ýokarylylygy. Goşgynyň ýokary çeperçilik taýdan kämilligi. Ýaş nesli terbiýelemdäki ähmiýeti. “Ömrüme pent” goşgusy. Goşguda öňe sürülýän esasy ideýalar. Durmuşda ynsanyň özüni nähili alyr barmalydygy, il-gün, dost-ýar, tanyş-biliş bilen nähili gatnaşykda bolmalydygy barada öwüt-nesihatlaryň öňe sürülmegi. Goşgynyň terbiýeçilik ähmiýeti.

H. Kulyýew. Şahyryň lirikasy. Daglar hakynda ýazan goşgusynda daglaryň ajap keşbiniň açyp görkezilişi. Onda dag tebigaty we onuň täsin howasynyň gözelliginiň ynsana edýän täsiriniň wasp edilmegi. Durmuşda her bir ynsan üçin kämilligiň zerurlygyny belläp geçmegi. Kämil ynsan terbiýesi. “Ýaşlyk” goşgusy. Goşguda ynsan ömrüniň iň ajap pursady bolan ýaşlygyň waspy. Ýaşlygyň gudraty we onuň gözelligi baradaky oý-pikirleri. Ynsan ömrüniň wagt bilen baglylygy. “Dana sözler” atly ferdiýatlary. Onda ömür, ýaşaýyş, durmuş, wagt, halallyk, ynsaplylyk barada öňe sürülýän ajaýyp pikirler. Olaryň ýokary çeperçilik taýdan beýan edilmegi. Bu ajaýyp goşgy setirlerinde beýan edilen öwüt-nesihatlaryň ýaş nesli terbiýelemekdäki roly. “Ýene-de söýgi hakynda” atly goşgusy. Onda söýgi dien inçe duýgynyň wasp edilmegi. Aşyk ýigidiň ruhy ahwalynyň açyp görkezilişi. H. Kulyýewiň döredijiliginiň aýratynlygy. Watan, il-gün, edep-ekram, halallyk, dostluk ýaly temalarda ýazan goşgulary barada gysgaça söz. Onuň döredijiliginiň poeziýamyztaryhyndaky orny.

G. Ezizow. G. Ezizow baradaky O. Çaryýewiň ýatlamalry. “Serpaý”, “Söýüň çagaňyzy”, “Ata igenji” atly goşgulary. Goşgularyndaky öňe sürülýän öwüt-nesihatlar. Şahyryň nieti päk adamlara ýagşy-ýaman hemme zady üstünden geçiren halkynyň asylly terbiýesini alan agras danalyga ýiti payhas-pähimlilige sarpa goýmagy. Döredijiliginiň aýratynlyk tarapy. Ýaş nesle kämil ynsan terbiýesini bermekde eserleriniň ähmiýeti.

G. Geldiýew. G. Geldiýewiň ömri we döredijiligi. Onuň durgunlyk ýyllarynda edebi tankytda, edebiýatda goýberlen käbir säwlikleri açyp görkezen şahyr, alymdyr. “Ykbal” goşgusy. Goşgynyň temasy, ideýasy. Şahyryň ykbaldan edýän arzuw-

islegleri. Onda gowy ynsan häsiýetleriniň açyp görkezilişi. Eseriň terbiýeçilik ähmiýeti.

### Garaşsyzlyk ýyllaryndaky Özbegistan türkmen edebiýaty 1 sagat

Garaşsyzlyk ýyllaryndaky Özbegistan türkmen edebiýaty. XX asyryň ahyryna gelip öňki şura düzüminiň çagşamagy, onuň demir isgenjesindäki döwletleriň özbaşdaklyga eýe bolmagy. Şol sanda biziň Özbegistanymyzyň hem garaşsyzdöwlete öwrülmegi. Däp-dussurlarymyzyň dikeldilmegi, ykdysadyetiň, medenietiň edebiýatyň berkararlaşmagy. Çeper döredijilik bilen meşgullanýan ynsanlar üçin döredip berlen mümkinçilikdir. Olaryň watançylyk, dost-doganlyk temada ýazan eserleri. Dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösmegi A. Şiriýew, A. Kadyrow, G. Aşyrow, G. Mämetklyçow, A. Abaýew, G. Welbegow, A. Şarikow, G. Bazarow, G. Gadamow, G. Nepesow, B. Paşyýew, H. Myşşyýew, S.Nuryýew, D. Aşyrow, A. Halykowlaryň ömri döredijiligi. Olaryň döredijiliginiň aýratynlyk tarapy. Olaryň döredijiliginde Garaşsyzlygyň, Watanyň gözelliginiň, agzybirligiň dost-doganlyk gatnaşyklaryň wasp edilişi. Dost-doganlyk terbiýäni bermek.

### Doganlyk edebiýaty 8 sagat

Özbek we garagalpak edebiýaty barada düşünje.

M. Kosjanow. M. Kosjanowyň ömri we döredijiligi. Ylmy-edebi döredijiliginiň häsiýetli aýratynlyklary. M. Kosjanowyň öz eserlerinde talant diýen ajaýyp zadyň ähmiýeti barada söz ýöretmegi. “Degiş”, “Jebir-sütem”, “Didar” atly eserleri. Ol eserler hakynda gysgaça söz. Olarda halkymyzyň beýik gymmatlyklary, watan duýgusy, ata-ogul gatnaşyklary, maşgaladaky özboluşly terbiýe, myhmany garşy almak, toý tutmak ýaly däp-desturlary bir özbek maşgalasynyň mysalynda wasp etmegi. “Jebir-sütem” (Alam) kitabynyň “Enemiň we ilimiň gujagynda” atly bölegi. Eseriň mazmuny bilen giňişleýin tanyşdyrmak. Onda watançylyk, dost-doganlyk, ata-enäniň gadyr-gymmaty, ýaly ajaýyp ideýalaryň öňe sürülmegi. Bu memuar eseriň terbiýeçilik ähmiýeti. Ýaş nesli terbiýelemekdäki orny.

Muhammet Ýusup. M. Ýusubyň ömri we döredijiligi. “Watanym” goşgusy. Goşguda watanymyzyň geçmiş taryhynyň çeper beýany. Ýurdumyztaryhynda ýaşap geçen beýik ynsanlaryň ykbalyndan sözaçyp, olaryň watansöýüjilik, wepalylyk, mertlik ýaly asylly sypatlarynyň açyp görkezilişi. Watan mukaddesligi baradaky ideýanyň öňe sürülmegi. Şahyryň watan üçin jan köýdüren beýik ynsanlara bolan buýsanjy. Ýaş nesliň özata-babalary ýaly geljekde uly at-abraýa eýe bolmaklaryny arzuw etmegi. Watançylyk duýgyny ýaş nesliň aňyna siňdirmek. “Mähir galar” goşgusy. Goşguda ýaşaýyş baradaky aladalaryň ynsany her hili kyn ýagdaýlara salsa-da, onuň kalbyndaky arassa duýgularyna, ruhyetine zyýan etmezlik ýaly ideýalaryň öňe sürülmegi. Adamy adam edip duran onuň durmuşyna mazmun bagyşlaýan mähir we söýgi ýaly ajaýyp duýgularyň zerurlygyny ýaş nesliň aňyna siňdirmek.

“Bizbagtly bolarys” atly goşgusynda söýgi ýaly mukaddes duýgynyň, yşka düşen aşyk ýigidiň ruhy ahwalynyň açyp görkezilişi. Söýgüde wepalylygyň, ynanjyň zerurlygyny giňişleýin düşündirmek. “Ýurduň hiç gutarmazarmanlary bar” atly goşgusy. Goşgynyň temasy ideýasy. Goşguda durgunlyk ýyllarynda ýurdumyzyň we watandaşlarymyzyň başyndan geçiren gaýgy-gamlary. Bigünä töhmetler atylyp, Osman Nasyr, Abdulla Kadyry, Çolpan, Fitrat, Faýzulla ýaly halkyň merdana ogullarynyň ykballary hakykatyň çeper beýany. Şahyryň bu goşgusyndan görelde alyp, şu günki we geljekki nesilleri (geçmişden netije çykaryp) ertirki boljak durmuş synaglaryna taýýarlamak. Goşgynyň ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemeklikdäki ähmiýeti.

Garagalpak edebiýatyna syn. T. Kaýypbergenow. Ömri we döredijiligi “Garagalpakdyryn, töwekgelçidirin” eseri. Ondaky garagalpak halkynyň geçmişi hakdaky oýlanmalar. Şol sanda türki halklar barada umumy düşünje. Dost-doganlyk terbesiniň öňe sürülmegi.

A. Ötepbergenow. Ömri we döredijiligi “Allany unutma” kitabyndan bölek. Eseriň temasy ideýasy. Dünýä durmuş, ýaşaýyş, mal-döwlet, nähaklyk, harsydünýälik, halallyk, ynsan-gadyr gymmaty. Bir-birine bolan hormaty barada oýlamalar. Eseriň ýokary çeperçilige eýe bolmagy we okyjyny gowy häsiýetlere ündemegi. Ynsan gadyr gymmaty baradaky düşünjeleri berip ynsanlaryň bir-birine mähirli, şepagatly, sylaşykly bolmak ýaly asylly terbiýäni ýaş nesliň aňyna siňdirmek.

Gazak edebiýaty. Abaý Kunanbaýew. Gazak edebiýaty hakynda umumy düşünje bermek. A. Kunanbaýewiň ömri, döredijiligi barada gürrüň edip, onuň “Giň maňlaýly, jennetdäki hüýr ýaly ”, “Geçirmezler bir elekden elemän” atly goşgularynyň ideýa mazmunyny öwretmek, goşgynyň çeperçiligi barada düşünje bermek.

**Dünýä edebiýaty 11 sagat**

Iňlis edebiýaty barada gysgaça düşünje bermek. W. Şekspir. Şekspiriň ömri we döredijiligi. Onuň döredijiligi barada gysgaça söz. Dünýä dramaturgiýasynyň ösüşine goşan goşandy. “Otello” tragediýasynda maşgalanyň at-abraýy bilen bagly meseleleriň käbir emelparaz, ýaramaz häsiýetli ynsanlaryň maşgala agzybirligine zyýan etirmegi netijesinde maşgalada döreýän garşylyklaryň beýan edilmegi. Otello obrazy we onuň oý-hyýalynda bolup geçýan agyr pursatlary başdan geçirýän ruhy ahwaly. Otellonyň, Dezdemonanyň, Ýagonyň özara gatnaşyklary. Eserde söýgä wepalylyk, gabanjaňlyk, emelparazlyk, harsydünýälik ýaly häsiýetleriň beýan edilişi. Mekir-hile girdabyna düşen söýgüniň bagty terk edip, şübhe-gumanlara aýlanmagy, gabanjaňlyk belasy netijesinde gahrymanlaryň pajygaly ölmeginiň çeper beýany. Tragediýa barada düşünje.

Nemes edebiýaty. Genrih Geýne. Nemes edebiýaty barada umumy düşünje bermek. Şahyryň durmuş ýoly, onuň döredijiligi bilen giňişleýin düşündirmek. Käbir eserleri barada gysgaça söz. Dünýä edebiýatyndaky orny.

Rus edebiýaty barada gysgaça düşünje bermek. A. S. Puşkin. Şahyryň ömri we döredijiligi barada söz. A. S. Puşkiniň rus edebiýatyna we edebi diline esas salmagy. “Ýewgeniý Onegin” romany. “Ýewgeniý Onegin” romanynda XIX asyrdaky rus halkynyň ýaşaýyş durmuşynyň açyp görkezilişi. Ýewgeniniň, Lenskiniň, Tatýananyň obrazy. Eserde aýratynlyk tarapy. Puşkiniň döredijiliginiň türkmen poeziýasynyň ösüşine eden täsiri. Türkmen edebiýatynda goşgy bilen ýazylan romanlaryň döredilmegi.

## 10-njy synp
## Jemi 68 sagat

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Proza, şygyr, drama eser nusgalaryny labyzly okaýar we onuň mazmunyna we ähmiýetine düşünýär;

Çeper edebiýatyň sýužetini gürrüň edip bilýär;

Gadymy ýadygärlikleri gadyrlaýar;

Çeper eserde beýan edilen wakalary tankydy analiz edýär;

Dünýä edebiýaty bilen türkmen edebiýatynyň özboluşly aýratynlyklaryny tapawudlandyrýar;

Şygyryň, gazalyň düzülişini, mazmunyny düşündirýär;

Watynyň öňünde raýatlyk borjuna düşünýär;

Çylşyrymly plan düzýär, özbaşdak pikri esasynda düzmeler ýazýar, testleri çözýär.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**
**(çuňlaşdyrylan synplar üçin)**

Ötmüşi we bu günki durmuşy deňeşdirip, logiki beýan edýär;

Ýazyjynyň söz ussatlygyny analiz edýär;

Edebi, doredijilik täzeliklerden habary bolýar;

Цwrenen eserleri esasynda erkin we dцredijilik dьzmeler эazэar.

### Giriş 1 sagat

Giriş. Çeper edebiýat barada düşünje bermek. .

### Halk döredijiligi (4 sagat)

Halk döredijiligi barada maglumat, onuň görnüşleri, ähmiýeti. Halkyň arasyndan toplanyp öwrenilişi . Halk döredijiliginiň görnüşlerinden öwrenmek we ýazyp almagy öwrenmek. Dessanlar barada düşünje , olaryň ähmiýeti . “Nejep oglan” dessany. Nejebiň obrazy.

## Bagşylar (3 sagat)

Altybaý bagşy , Kulum bagşy. Ruzymbek bagşynyň ömür ýoly barada maglumat bermek. Bagşylaryň magnit , wideo ýazgylaryny diňlemek.

## VIII-X asyrlaryň edebiýaty (2 sagat)

VIII-X asyrlaryň edebiýaty barada gysga maglumat. Abu Ali ibn Sinanyň rubagylary.

## XI-XII asyrlaryň edebiýaty (2 sagat)

XI-XII asyrlaryň edebiýaty barada maglumat. Abulkasym Mahmyt az-Zamahşary. Mahmyt Kaşgarly barada düşünje bermek.

## XIII-XV asyrlaryň edebiýaty (3 sagat)

Muhammet Horezmi , Pälwan Mahmyt Horezmi, barada gysgaça maglumat. Ahmet Burhaneddin Siwasly. Rabguzy. “Kysasyl – Enbiýa” eseri.

## XV asyr edebiýaty (4 sagat)

Abul Wepaýy Horezmi, Möwlana - Huseýin Horezmi, Ahmet Wepaýy barada maglumat. “Gülpam” dessany. “Gülpam” dessany barada maglumat. Nowaýy we türkmen edebiýaty barada düşünje bermek. Edebiýat nazaryýeti: Mesnewi barada düşünje.

## XVI asyr edebiýaty (1 sagat)

Abdyrahym , Ýolguly Enisi barada maglumat.

## XVII asyr türkmen edebiýaty (2 sagat)

XVII asyr türkmen edebiýatyna gysgaça syn. Berhurdar türkmeniň, Babarahym Meşrebiň döredijiligi barada maglumat.

## XVIII asyr türkmen edebiýaty (14 sagat)

XVIII asyrtürkmen edebiýatyna syn. Gündogar edebiýatynyň däplerini dowam etdirijileriň döredijiligi. Nurmuhammet Andalybyň ömri we döredijiligi. Edebiýat nazaryýeti: Tahmys . Magtymgulynyň öwrenilişi. “Türkmeniň” , “Çilimkeş”, “Ýör biläni” goşgularyny labyzly okamagy öwretmek we ýatlamak. Mert bolmaz”, “Gözel sen”, “Uýat eýleýir” goşgylary okap ideýa mazmunyny gürriň etmegi owretmek. “Boýlaryňa” , “ Durasyň geler”, “Gülzardan aýryldym” goşgylaryň ideýa mazmunyny öwretmek. “Atamyň”, “San bolsam” goşgylarnyň ideýa mazmunlaryny öwretmek.
“Nahana geldiň”, “Äleme belgilidir” goşgylary. Ahmet Mämmedow. Magtymguly we garagalpak edebiýaty özbek alymynyň işlerinde. Kerimbaý Kurambaýew Magtymgulynyň eserleriniň garagalpak diline terjimeleri hakynda. Gurbanaly Magrupynyň ömri we döredijiligi. “Ýusup – Ahmet” dessanynyň ideýa mazmuny.

**Doganlyk halklaryň edebiýaty (2 sagat)**

Berdimyrat Berdagyň ömri we döredijiligi. Gyrgyz halkynyň meşhur eposy «Manas» barada düşünje bermek.

**Rus edebiýatyndan nusgalar (3 sagat)**

Anton Pawlowiç Çehowyň ömri we döredijiligi.

**XIX asyr türkmen edebiýaty (3 sagat)**

Misgininiňiň ömri we döredijiligi. Baýly şahyryň ömri we döredijiligi. Oraz Aşykynyň ömri we döredijiligi.

**XX asyryň başyndaky türkmen edebiýatyndan nusgalar (2 sagat)**

Döwletmämmet Balgyzylyň ömri we döredijiligi. Körmollanyň ömri we döredijiligi.

## 11-nji synp

## Jemi 68 sagat

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**

Gadymy türki, klassyky, garaşsyzlyk döwrüniň edebiýatyny tapawutlandyrýar;
Eserde beýan edilen ynsan duýgulary hakynda pikir ýöredýär;
Eseriň dil aýratynlyklaryny analiz edýär, öz gatnaşygyny bildirýär;
Dürli žanr we göwrümdäki 6-8 sany goşgynyň tekstini ýa-da onuň parçasyny ýatdan labyzly aýdyp bilýär;

Edebi, edebi-döredijilikli we erkin temalardaky düzmelere degişli aýtartynlyklary bilýär we degişli ýönelişde düzme (5-6 sahypa) ýazyp bilýär;

Edebi diliň normalaryny ýerine ýetiren ýagdaýda dürli temalarda referat we döredijilikli tekst ýazyp bilýär, onda halk nakyllardan, tapmaçalardan, dana sözlerden, çeper eserlerden orünly peýdalanyp bilýär;

Dürli žanrdaky edebiýatlary özbaşdak saýlap, ol barada gürrüň edip, ondaky hadysa-wakalara, obrazlara özi baha berýär.

**Okuwçylaryň okuw işleriniň netijelerine goýulýan talaplar :**
**(çuňlaşdyrylan synplar üçin)**

Çeper eseriň dil aýratynlyklaryna öz gatnaşygyny bildirýär;

Şygyr we proza eserlerini labyzly ýatdan aýdyp bilýär.

Okalan eser boýunça obrazlary teswirleýär, özbaşdak düzme, syn ýazýar;

## Giriş (1 sagat)

Çeper edebiýatyň wakalary, hadysalary, adam ahlaklarynyň dürli häsiýetlerini, umumylaşdyrmak bilen durmuşy obrazly suratlandyryşy. Onuň hakykaty estetiki-emosional taýdan özleşdirmek zerurlygy esasynda döreýşi.

## Türkmen edebiýaty XX asyryň 20 – 50-nji ýyllaryňda (11 sagat)

Ata Gowşudow. «Mähri – Wepa» romany.

Ata Gowşudowyň ömri we döredijiligi. Ýazyjynyň türkmen halkynyň ruhuna ýugrulan çeper eserleriniň türkmen edebiýatynda öçmejek yz galdyryşy. Ata Gowşudow Beýik Watançylyk urşy döwrüniň wakalaryny beýan edýän «Mähri – Wepa» romany. Ýazyjynyň uruş döwründe ýazyp gutaran bu romanynda halkyň wepaly ogullarynyň watançylyk, mertlik, çydamlylyk, doganlyk-dostluk, söýgä wepalylyk ýaly ajaýyp sypatlaryny nygtap görkezişi.

Hydyr Derýaýew. «Ykbal» romany.

Hydyr Derýaýewiň ömri we döredijiligi. Onuň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşyşy. Ýazyjynyň döreden goşgularydyr poemalarynyň şu günki günde şahyrana gözelligini, güýjüni hem obrazlaryň täzeligini saklap gelşi. H. Derýaýewiň proza eserleri bilen meşhurlyk gazanyşy. Onuň döredijiliginiň naýbaşy eseri hökmünde halkyň söýgüsine mynasyp bolan «Ykbal» epopeýasy. Ol romanyň türkmen edebiýatynyň naýbaşy eserleriniň biri bolanlygynyň syry. Ýazyjynyň eseriň halkylygyny, milli, medeni däp-dessurlar bilen içgin gatnaşygyny hakyky wakalar arkaly teswirleýşi.

Abdylla Kadyrynyň şahsy göreldesiniň hem-de «Öten günler» romanynyň H. Derýaýewe eden täsiri.

Rehmet Seýidow

Rehmet Seýidowyň ömri we döredijiligi. Onuň poeziýasynyň halkylygy. Türkmen edebiýatynyň ösmeginde goşan goşandy. Onuň öz goşgularynda okujylary hemişe gyzyklandyryp gelen gündelik durmuşda duş gelýän döwrüň iň möhüm meseleleri hakda söz açyşy. Onuň edebi döredijilik, jemgyýetçilik hyzmatlaryna ýokary baha berlişi.

**Türkmen edebiýaty XX asyryň 60 – 80-nji ýyllarynda (33 sagat)**

Gara Seýitliýew

Gara Seýitliýewiň durmuş we döredijilik ýoly. Onuň lirikasynyň watançylyk, ynsanperwerlik ruhunda beýan edilişi. Gara Seýitliýewiň döredijiliginde Magtymgulynyň ynsanperwerliginiň, Mollanepesiň otly söýgüsiniň, Nyzamynyň ýokary ahlaklylygynyň, Samed Wurgunyň çuňňur romantikasynyň täsiri…

Berdinazar Hudaýnazarow

B. Hudaýnazarowyň ömri we döredijiligi. Şahyryň goşgulary we poemalary. Ýazyjynyň proza eserleri. Onuň tutuş ömrüniň dowamynda türkmen edebiýatyny ösdürmek aladalary bilen ýaşaýşy, onuň ody bilen girip, küli bilen çykyşy. Türkmen edebiýatynyň aýry-aýry meseleleri, ýaşlaryň döredijiligi barada makalalar bilen metbugat sahypalarynda yzygiderli çykyş edişi.

Ynsap, päklik, halallyk, ynsan mertebesi, ar-namys ýaly adamy bezeýän häsiýetleriň şahyryň eserlerinde berlişi.

Kerim Gurbannepesow. «Gumdan tapylan ýürek» poemasy

Kerim Gurbannepesowyň ömri we döredijiligi. Şahyryň baý edebi mirasy, onuň döredijiliginiň halkylygy. Onuň öz goşgularynda adamlary hemişe gyzyklandyryp gelen, häzirki wagtda hem gündelik durmuşymyzda häli-şindi duş gelýän döwrüň iň möhüm meseleleri hakda söz açyşy. Şahyryň okyjyny ynsanperwerlige, adalatly bolmaga, halal ýaşamaga, Watana, halka ak ýürekden gulluk etmäge, halkyň şatlygyna şatlanyp, gynanjyna gynanmaga çagyryşy.

Sapar Öräýew

Şahyryň durmuş we döredijilik ýoly. Şahyryň baý edebi mirasy. S. Öräýewiň döredijiliginde lirikanyň akgynly berlişi. Türkmen edebiýatynyň ösmeginde goşan goşandy. Şahyryň lirikasynda ilki bilen özgäniň görüp bilmeýän gözelligini gözleýşi. Häsiýetli alamaty şekilinde, olaryň döwrebaplygyny, durmuş işjeňligini öňe çykaryşy. Ynsanyň ruhy dünýäsine çuňňur aralaşmagy, durnuklylyk, erk, wepalylyk, päklik ýaly keşbini taryplaýşy.

Halyl Kulyýew

Halyl Kulyýewiň ömri we döredijiligi. Halylyň liriki poeziýanyň ussady hökmünde okyjylaryň söýgüsine mynasyp bolşy. Şahyryň goşgularynyň formasy mazmunyna laýyk gelşi. Olar sada, tebigy we halky, milli äheňlere ýugrulyşy. Olarda many-mazmun, pikir aýdyňlygy. Şahyryň şygyrlarynda öz döwrüniň, beýan edýän wakasynyň, suratlandyrýan adamynyň janly keşbini ussatlyk bilen çekmegi başaryşy. Halyl Kulyýewiň goşgularynyň täsirli, ýürege ýakyn, ýatda galyjylygy.

Annaberdi Agabaýew

A. Agabaýewiň ömri we döredijiligi. A. Agabaýewiň döredijiliginiň köp ugurlylygy. Onuň şahyr, publisist, dramaturg, terjimeçi hökmünde meşhurlygy. Onuň döwrüň sesine ses goşýan, umumy adamzat meselelerini gozgaýan, hyjuw dyňzap duran goşgulary bilen şygryýet muşdaklaryna giňden tanalyşy. A. Agabaýewiň ynsanperwerlik, parahatçylyk, watansöýüjilik pikirleriniň şygyrlarynda beýan edilişi.

Gurbannazar Ezizow

Gurbannazar Ezizowyň ömri we döredijiligi. G. Ezizow edebi proses, türkmen poeziýasynyň ösüşi, deň-duşlarynyň we özünden soňky ýetişip gelýän ýaş nesliň döredijiligi bilen içgin gyzyklanyşy.

G. Ezizowyň goşgularynda ata Watan, ene toprak, ata, ene, perzent, dostluk, söýgi, uruş, parahatçylyk, adam, durmuş, dünýä, şygryýet we beýleki köp-köp meseleler barada şahyrana-filosofik pikir ýöredilişi. Adamlara, Watana söýgi, olary ähli zatdan belentde goýmak pikirleriniň şahyryň goşgularynda berlişi.

Türkmen dramaturgiýasynyň ösüşi

HH asyryň ikinji ýarymynda türkmen edebiýatynyň ençeme sahna eserleri bilen baýlaşyşy. Bu döwürde taryhy hem taryhy-rewolýusion temadan B. Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim», «Magtymguly», B. Seýtäkowyň «Gyz salgydy», H. Derýaýewiň «Ykbal», G. Kulyýewiň «Ýowuz günler», B. Amanowyň «Mollanepes», T. Taganowyň «Kökenli ýüzük», «Yşk mülküniň şasy», A. Atajanowyň «Guşgy galasy», O. Akmämmedowyň «Üzülen ömür» ýaly onlarça pýesalary tomaşaçylara hödürlenişi.

Aşyr Mämiliýew we Begi Suhanow. «Satylan düýş» pýesasy

Dramada durmuş wakalarynyň beýan edilişi. Eseriň tutuş many-mazmuny pikiri çuňňur beýan etmeklige gönükdirilişi. Şu jähetden pýesada gahrymanlaryň diňe bir hereketlerine däl, eýsem olaryň ruhy dünýäsine hem uly üns berilişi. Gahrymanlaryň mertebesi olaryň ruhy dünýäsiniň üsti bilen açylyp görkezilişi.

Türkmen çagalar edebiýatynyň ösüşi

Geçen asyryň ýigriminji ýyllarynda türkmen çagalar edebiýatynyň täze ösüş ýoluna düşüşi. Şol döwürde G. Burunowyň, B. Kerbabaýewiň çagalar üçin birlän-ikilän goşgularynyň metbugatda çap edilişi.

Türkmen çagalar edebiýatynyň ýyllaryň dowamynda kem-kemden aýaklanmagy halk döredijiliginden, geçmiş edebiýatymyzdan täsirlenmekden başlanyşy.

Ýazyjy-şahyrlaryň öz eserlerinde çaga dünýäsiniň dürli taraplaryny beýan etmäge çalyşyşlary. Olarda Watana, tebigata, ene-ata, zähmete, dosta söýgi, okuw, edep-ekram, terbiýe, oýunjaklar dünýäsi… ýaly möhüm meseleleri orta atyşy. Bu eserlerde çagalaryň durmuşyna,ruhy dünýäsine aralaşmaga ymtylmak, olaryň ýaş aýratynlyklaryny nazarda tutmaklygyň has güýçlenmegi.

Häzirki zaman çagalar edebiýatynyň soňky ýyllarda täze döredijilik gözlegleri bilen baýlaşyşy.

Kaýum Taňrygulyýew

Kaýum Taňrygulyýewiň ömri we döredijiligi. Onuň häzirki zaman türkmen çagalar edebiýatynyň ösüşine goşan goşandy. K. Taňrygulyýewiň diňe çagalar üçin goşgulary ýazmak bilen çäklenmän, eýsem çagalar edebiýatyny öwreniş ylmynyň meseleleri bilen hem gyzyklanyşy.

K. Taňrygulyýewiň çagalar edebiýatynyň dürli ugurlary hakynda metbugatda yzygiderli çykyş etmegi, türkmen edebiýatynyň çaga dünýäsini teswirleýän täze öwüşginli şygyr hem kyssa, erteki hem rowaýat, matal hem ýaňyltmaç şekilli dürli žanrda ýazylan çeper eserler bilen baýlaşmagyna goşan goşandy.

Şahyryň dürli ýaşdaky çagalara niýetlenen eserlerinde ata Watana, ene-ata, hünäre-käre söýgi, dört paslyň alamatlary, owlak-guzynyň, guş-gumrynyň häsiýetleri, umuman, ene topragyň, tebigatyň adam bilen bagry badaşanlygy, olara aýawly garamak ýaly asylly pikirler çaganyň duýgy-düşünjesine laýyklanyp, ussatlyk bilen beýan edilişi.

Türkmen edebiýatynda çeper terjime

Terjimäniň gadym döwürlerden bäri adamzat jemgyýetiniň, medeniýetiniň, edebiýatynyň ösüşinde möhüm serişde bolup hyzmat edip gelşi.

Jemgyýetiň, edebiýatyň ösmegi bilen çeper terjimäniň ösüşi. XX asyr türkmen edebiýatynyň ösüşinde çeper terjimäniň möhüm orny.

1920-nji ýylda Daşkentde Orta Aziýa halklarynyň dillerinde, şol sanda türkmen dilinde kitap neşir etmek üçin neşirýat döredilişi. 1922-nji ýylda Daşkentde «Türkmen ili» atly her aýda çykýan syýasy, ykdysady, ylmy we edebi žurnal çykyp başlamagy.

Türkmen okyjylarynyň terjime edilen eserleriň üsti bilen öz gözýetimini, dünýägaraýşyny giňeldişi we beýleki halklaryň edebiýatlary, durmuşy bilen tanyş bolşy.

Edebi dostluk – ebedi dostluk

Watanymyzda türkmen dilinde okaýan okyjylar köpçüligi üçin niýetlenip, özbek, garagalpak ýazyjy-şahyrlaryň çeper eserleriniň türkmen diline terjime edilip, döwürleýin metbugatda we özbaşdak kitap görnüşinde kitapsöýüjilere hödürlenişi. A. Mämmedowyň, G. Aşyrowyň, G. Welbegowyň çeper terjimeleri.

Özbegistanyň halk şahyry Ykbal Mürzäniň goşgularyndan edilen terjimeler.

Edebiýaty öwreniş ylmy we edebi tankyt

Edebiýaty öwreniş ylmynyň edebiýatyň aýrylmaz bölegiligi. Onuň çeper edebiýatyň aňy hasaplanyşy.

Edebiýaty öwreniş ylmy bilen meşgullanan alymlaryň türkmen halk döredijiligini, edebiýatyň taryhyny öwrenmäge goşan goşantlary.

Edebi tankydyň çeper edebiýatyň gündelik meselelerine wagtynda seslenişi, olary çeperçilik taýdan töwerekleýin seljerişi. Edebiýatda ýüze çykýan täze başlangyçlary, hadysalary, meýilleri, ugurlary açyp görkezişi. Olaryň rowaçlanmagyna hemaýat edişi.

Türkmen edebi tankydynyň ösüşine saldamly goşant goşan edebiýatçylar.

Edebiýat teoriýasy boýunça öwrenilenleri jemlemek

Çeper edebiýatyň her bir aňly-düşünjeli adamyň ruhy durmuşynyň aýrylmaz bir bölegiligi. Çeper edebiýatdan üzňe, ondan bihabar adamy hakyky medeniýetli adam hasaplamak bolmazlygy. Estetiki taýdan bilimli bolan adam okan eserlerinden, sungatyň beýleki görnüşlerinden hakyky lezzet alyp bilşi. Çeper döredijiligiň kada-kanunlaryny, estetiki bilimi edebiýat teoriýasynyň öwredişi.

Çeper edebiýatyň özboluşlylygy. Edebiýatyň jemgyýetçilik ähmiýeti. Eseriň temasy. Eseriň ideýasy. Eseriň obrazlar ulgamy. Çeper eseriň sýužeti. Eseriň kompozisiýasy. Çeper eseriň dili. Edebi žanrlar.

## Doganlyk halklaryň edebiýaty (16 sagat)

Günhoja

Günhojanyň garagalpak klassyk edebiýatynda tutýan orny. Şahyryň lirikasynyň terbiýeçilik ähmiýeti. Günhojanyň «Armanly», «Gaýdyp gel», «Nämä gerek?», «Ýetim hakyn iýäýme», «Gerek maňa», «Baýyň ogly» ýaly goşgularynda ynsan isleg-arzuwynyň, öwüt-ündewiniň, durmuş wakalarynyň dogruçyl beýan edilişi.

Abdulla Kadyry

Abdulla Kadyrynyň ömri we döredijiligi. Onuň köp asyrlyk milli özbek edebiýatynyň ösmeginde uly öwrülişik edişi, täze başlangyjy başlap berýän elýetmez eserler döredişi. Ýazyjynyň «Geçen günler», «Mährabdan çykan içýan» eserleri bilen özbek romançylygyna esas salşy. Bu romanlaryň zamana laýyk jahan edebiýatynyň iň ajaýyp eserleri bilen bir hatarda durşy. Onuň galamanyň aşagyndan çykan hekaýalar, ýumoristik, publisistik, edebi-tankyty makalalar, çeper terjimeler XX asyr özbek edebiýatynyň hazynasyndan özüne mynasyp orun alşy. Ýazyjynyň şöhratly we gaýgyly ykbalynyň nesiller üçin görelde bolşy.

Adyl Ýakubow

Adyl Ýakubowyň ömri we döredijiligi. Onuň döredijiliginiň köp ugurlylygy. Onuň şahyr, publisist, dramaturg, terjimeçi hökmünde meşhurlygy. Özbek edebiýatynyň ösmeginde goşan goşandy. Edebiýatyň aýry-aýry meseleleri, ýaşlaryň döredijiligi barada makalalar bilen metbugat sahypalarynda yzygiderli çykyş edişi.

Ybraýym Ýusupow

Tanymal garagalpak şahyry Ybraýym Ýusupowyň döredijiliginde dostluk, halklaryň doganlygy, söýgi temalarynyň orun tutuşy. Garagalpak edebiэatynda poeziэanyт цsьєi we зерерзilik tarapyndan эokary gцterilmeginde bitiren hyzmatlary. Єahyryт batyrgaэ giт labyzly lirikasy, filosofiki eserleri umumy poeziэamyza цz tдzeligini, эagny tдzeзilligi alyp gelen epiki eserleriniň okyjylar kцрзьligi tarapyndan bahalanyşy.

Abdulla Arypow

A. Arypowyň edebiýat meýdanyndaky tutýan orny. Onuň «Ruhum», «Iki närse» atly goşgularynyň ähmiýeti we terbiýeçilik taraplary. Şahyryň özbek edebiýatynyň pajarlap ösmegine, lirika žanrynyň kämilleşmegine, baýlaşmagyna goşan goşandy. Garaşsyzlyk döwründe poeziýamyzyň hil taýdan ýokary göterilmeginde bitiren işleri.

**Dünýä edebiýatyndan nusgalar (7 sagat)**

Şemsetdin Muhammet Hafyz

Şemsetdin Muhammet Hafyzyň ömri we döredijiligi. Hafyzyň gazallarynyň onuň özi dünýäden ötenden soň, diwan tertibinde toplanyşy. Onuň gazallarynyň şahyryň adyna egsilmez şöhrat getirmeginiň, olarda ynsanyň ruhy dünýäsiniň, içki duýgularynyň her taraplaýyn açylyp görkezilişi. Olarda şirin diliň, çeper we çuňňur pikir öwürmeleriň, çeperçilik serişdeleriniň ählisiniň öz ýerinde ulanylyşy.

Hafyzyň gazal düzmekdäki ussatlygy, gözelleri wasp etmekdäki çeperçilik güýji soňky asyrlarda ýaşan Gündogar we türkmen şahyrlarynyň häli-şindi salgylanýan ussatlyk mekdebine öwrülişi.

Lew Nikolaýewiç Tolstoý. «Kawkaz ýesiri» powesti

Lew Nikolaýewiç Tolstoýyň ömri we döredijiligi. Onuň rus edebiýatynyň ösmegine, hil taýdan ýokary göterilmegine goşan goşandy. Ýazyjynyň rus realistik edebiýatynyň kämilleşmegine, hil taýdan ösmegine eden oňaýly täsiri.

Lew Nikolaýewiç Tolstoýyň «Kawkaz ýesiri» powesti. Onda durmuş hakykatynyň açyp görkezilişi.

Çingiz Aýtmatow. «Ilkinji mugallym» powesti

Çingiz Aýtmatowyň durmuş we döredijilik ýoly. Onuň altmyşynjy ýyllaryň başynda edebiýat meýdanyndaky öz orny. Ýazyjynyň adamçylygyň belent manysyny, güýjüni namys hakdaky däbe öwrülen pikiriň, ýörelgäniň garşysyna goýup bilşi.

Çingiz Aýtmatowyň gyrgyz edebiyatynyň pajarlap ösmegine, onuň dünýä edebiýatyna ýetiren täsiri.

Aýtmatow milli çäklilikden ara açyşy, öz belent sungatyny Adama mahsus adamkärçiligiň dabaralanmagyna sarp edişi. Aýtmatowyň sungaty, Adamyň dünýäsine tarap ýörelgesi Gündogaryň hem Günbataryň medeniýetiniň oňaýly sepleşiginden gözbaş alşy, güýç alşy. Milli-çäklilikden ara açmak babatynda Çingiz Aýtmatowyň döredijilik tejribesiniň biziň üçinem degerli, görelde alarlykly nusgasy. Onuň «Ilkinji mugallym» powesti.

## Edebiýat predmetini temalar boýunça rejeleşdirmek

**(5-11-nji synp)**

| № | Bölümleriň ady | Jemi sagatlaryň bölünişi | | |
|---|---|---|---|---|
| | | jemi | Nazary sagatlar | Amaly sagatlar barlag işler, testler, özbaşdak okuw |
| | **5-nji synp.** | | | |
| 1 | Kitap bilimiň çeşmesidir | 1 | 1 | |
| 2 | Halk döredijiligi | 16 | 13 | 3 |
| 3 | Nusgawy edebiýat | 21 | 16 | 5 |
| 4 | XX asyr edebiýaty | 35 | 28 | 7 |
| 5 | Doganlyk halklar edebiэaty | 18 | 14 | 4 |
| 6 | Dьпэд edebiэaty | 12 | 11 | 1 |
| 7 | | 102 | 82 | 20 |

| № | Bölümleriň ady | Jemi sagatlaryň bölünişi | | |
|---|---|---|---|---|
| | | jemi | Nazary sagatlar | Amaly sagatlar barlag işler, |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | **testler, özbaşdak okuw** |
| **6-njy synp.** | | | | |
| 1 | Giriş | 1 | 1 | |
| 2 | Altyn miras | 13 | 11 | 2 |
| 3 | Klassyky edebiýat | 8 | 7 | 1 |
| 4 | XX asyr edebiýaty | 20 | 16 | 4 |
| 5 | Garaєsyzlyk eэзамунут edebiэaty | 4 | 2 | 2 |
| 6 | Doganlyk edebiэatlardan nusgalar | 22 | 18 | 4 |
| 7 | | 68 | 55 | 13 |

| № | Bölümleriň ady | Jemi sagatlaryň bölünişi | | |
|---|---|---|---|---|
| | | jemi | Nazary sagatlar | Amaly sagatlar barlag işler, testler, özbaşdak okuw |
| **7-nji synp.** | | | | |
| 1 | Giriş | 1 | | |
| 2 | Edebi žanrlar | 18 | 15 | 3 |
| 3 | Proza žanrlary | 15 | 12 | 3 |
| 4 | Dessanlar | 5 | 5 | |
| 5 | Türkmen klassyky edebiýaty | 17 | 14 | 3 |
| 6 | Doganlyk halklar edebiýaty | 12 | 8 | 4 |
| | | 68 | 55 | 13 |

| № | Bölümleriň ady | Jemi sagatlaryň bölünişi | | |
|---|---|---|---|---|
| | | jemi | Nazary sagatlar | Amaly sagatlar barlag |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | **işler, testler, özbaşdak okuw** |
| | | **8-nji synp.** | | |
| 1 | Giriş | 1 | 1 | |
| 2 | Gadymy we orta asyrlar edebiýaty | 17 | 13 | 4 |
| 3 | XVIII asyr edebiýaty | 20 | 17 | 3 |
| 4 | XIX asyr edebiýaty | 12 | 9 | 3 |
| 5 | Doganlyk halklar edebiýaty | 14 | 11 | 3 |
| 6 | Dünýä edebiýaty | 4 | 2 | 2 |
| | | 68 | 53 | 15 |

| **№** | **Bölümleriň ady** | **Jemi sagatlaryň bölünişi** | | |
|---|---|---|---|---|
| | | **jemi** | **Nazary sagatlar** | **Amaly sagatlar barlag işler, testler, özbaşdak okuw** |
| | | **9-njy synp.** | | |
| 1 | Giriş | 1 | 1 | |
| 2 | VI-XII asyr edebiýaty | 9 | 6 | 3 |
| 3 | XIII-XIV asyr edebiýaty | 5 | 4 | 1 |
| 4 | Edebi hyzmatdaşlyk | 8 | 5 | 3 |
| 5 | XX asyr türmen edebiýaty | 25 | 21 | 4 |
| 6 | Garaєsyzlyk эyllardaky Цzbegistandaky tьrkmen edebiэat | 1 | 1 | |
| 7 | Цzbek edebiýaty | 8 | 6 | 2 |
| 8 | Dünýä edebiýaty | 11 | 10 | 1 |
| | | 68 | 54 | 14 |

| **№** | **Bölümleriň ady** | **Jemi sagatlaryň bölünişi** | | |
|---|---|---|---|---|
| | | **jemi** | **Nazary sagatlar** | **Amaly sagatlar barlag işler, testler, özbaşdak okuw** |
| | | **10-njy synp.** | | |
| 1 | Giriş | 1 | 1 | |
| 2 | Halk döredijiligi | 4 | 4 | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 3 | Bagşylar | 2 | 2 | |
| 4 | VIII-X asyryň edebiýaty | 2 | 2 | |
| 5 | XI-XII asyryň edebiýaty | 2 | 2 | |
| 6 | XIII-XIV asyryň edebiýaty | 6 | 3 | 3 |
| 7 | XV asyryň edebiýaty | 4 | 4 | |
| 8 | XVI asyryň edebiýaty | 1 | 1 | |
| 9 | XVII asyryň edebiýaty | 2 | 2 | |
| 10 | XVIII asyryň edebiýaty | 17 | 13 | 4 |
| 11 | Doganlyk halklar edebiýaty | 6 | 6 | |
| 12 | XX asyryň başyndaky türkmen edebiýatyndan nusgalar | 4 | 3 | 1 |
| | | 51 | 43 | 8 |

| **№** | **Bölümleriň ady** | **Jemi sagatlaryň bölünişi** | | |
|---|---|---|---|---|
| | | **jemi** | **Nazary sagatlar** | **Amaly sagatlar barlag işler, testler, özbaşdak okuw** |
| **11-njy synp.** | | | | |
| 1 | Giriş | 1 | 1 | |
| 2 | Türkmen edebiýaty XX asyryň 20 – 50-nji ýyllaryňda | 11 | 9 | 2 |
| 3 | Türkmen edebiýaty XX asyryň 60 – 80-nji ýyllarynda | 33 | 25 | 8 |
| 4 | Doganlyk halklaryň edebiýaty | 16 | 12 | 4 |
| 5 | Dünýä edebiýatyndan nusgalar | 7 | 5 | 2 |
| 6 | | 68 | 52 | 16 |

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR:


1. Karimov I. A. O‘zbekiston XXI asr bo‘sag‘asida: xavfsizlikka tahdid, barqarorlik shartlari va taraqqiyot kafolatlari. –T.: O‘zbekiston, 1997. 110-136 b.
2. Karimov I. A. “Barkamol avlod orzusi” Toshkent-98 yil (72-74bet.)
3. Karimov I. A. “O‘zbekiston XXI asrga intilmoqda” Toshkent-“O‘zbekiston”-2000 yil 3-bob
4. Karimov I.A. Yuksak malakali mutaxassislar – taraqqiyot omili. – T.: O‘zbekiston, 1995. – 24 b.
5. I.A.Karimov. Yuksak ma’naviyat-yengilmas kuch. T.: «Ma’naviyat”.-T.: 2008.-176 b.
6. I.A.Karimov. O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida. T.: “O‘zbekiston”.-T.: 2011.-440 b.
7. O‘zbekiston Respublikasining 1997 yil 29 avgustdagi “Ta’lim to‘g‘risida” gi Qonuni.

8. O‘zbekiston Respublikasining 1997 yil 29 avgustdagi “Kadrlar tayyorlash milliy dasturi to‘g‘risida” gi Qonuni.

9. O‘zbekiston Respublikasi Vazirlar Mahkamasining 1999 yil 16 avgustdagi “Umumiy o‘rta ta’limning davlat ta’lim standartlarini tasdiqlash to‘g‘risida”gi 390-sonli qarori.

10. O‘zbekiston Respublikasining 2004 yil 21 maydagi “2004-2009 yillarda Maktab ta’limini rivojlantirish Davlat umummilliy dasturi to‘g‘risida”gi PF-3431.

11. O‘zbekiston Respublikasi Xalq ta’limi vazirli va Oliy va o‘rta maxsus ta’lim vazirligining 2010 yil 1 iyuldagi “Umumiy o‘rta, o‘rta maxsus, kasb-hunar ta’limi muassasalarida o‘qitiladigan umumta’lim fanlari hamda oliy ta’limda davom ettiriladigan fanlar dasturlari uzviyligi va uzluksizligini ta’minlash to‘g‘risida” gi 6/2/4/1-sonli qo‘shma hay’at majlisi qarori.

12. O‘zbekiston Respublikasi Prezidentining 2012 yil 10 dekabrdagi “Chet tillarini o‘rganish tizimini yanada takomilashtirish chora-tadbirlari to‘g‘risida” gi PQ-1875-sonli qarori.

13. O‘zbekiston Respublikasi Vazirlar Mahkamasining 2013 yil 8 maydagi “Uzluksiz ta’lim tizimining chet tillar bo‘yicha davlat ta’lim standartlarini tasdiqlash to‘g‘risida”gi 124-sonli qarori.

14. O‘zbekiston Respublikasi Vazirlar Mahkamasining 2017 yil 6 apreldagi “Umumiy o‘rta ta’lim va o‘rta maxsus, kasb-hunar ta’limining davlat ta’lim standartlarini tasdiqlash to‘g‘risida”gi 187-son qarori.

15. O‘zbekiston Respublikasi Vazirlar Mahkamasining 2017 yil 15 martdagi “Umumiy o‘rta ta’lim to‘g‘risidagi Nizomni tasdiqlash haqida”gi 140-sonli qarori.

16.